**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – BIZ GARAŞSYZ DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA EÝERIP, DÜNÝÄNIŇ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLARY ALYP BARÝARYS.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
26-njy iýul, 2024. Belgisi 30/1596




# DÖWLETARA HYZMATDAŞLYK ÜSTÜNLIKLI ÖSDÜRILÝÄR

**24-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bernd Haýnsy kabul etdi.**

Duşuşmaga wagt tapyp kabul edendigi hem-de döwletara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we geljegini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, diplomat döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy hem-de GFR-iň Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýeriň, Federal Kansleri Olaf Şolsuň hormatly Prezidentimize, türkmen halkynyň Milli Liderine mähirli salamyny we ähli türkmenistanlylara bagtyýarlyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz ilçini myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, jenap Bernd Haýnsy jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly ýokary diplomatik wezipesinde oňa uly üstünlikleri arzuw etdi.

Nygtalyşy ýaly, Germaniýa Federatiw Respublikasy Türkmenistanyň Ýewropa sebitindäki möhüm hyzmatdaşlarynyň biridir. Häzirki wagtda iki döwlet ähli ugurlarda, hususan-da, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Döwlet Baştutanymyz syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň oňyn häsiýetini aýratyn belläp, Türkmenistanyň we Germaniýanyň diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, köptaraplaýyn esasda hem üstünlikli hyzmatdaşlygy ösdürýändiklerine kanagatlanma bildirdi. Abraýly halkara guramalaryň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň, onuň düzümleriniň çäklerinde birek-birege berilýän özara goldaw muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Bu goldaw, ozaly bilen, dünýäde parahatçylygy, abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilip, öňe sürülýän halkara başlangyçlara degişlidir. Soňky ýyllarda hyzmatdaşlyk «Merkezi Aziýa – Germaniýa» dialogynyň çäklerinde-de üstünlikli ösdürilýär. Şeýle görnüşde geçirilýän gepleşikler özara gyzyklanma bildirilýän meseleler boýunça netijeli pikir alyşmaga ýardam berýär.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň ýene biridir. Şunuň bilen baglylykda, senagat, oba hojalygy, bank, ulag-kommunikasiýa ulgamlary geljegi uly ugurlaryň hatarynda görkezildi. Döwlet Baştutanymyz German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigine ünsi çekip, GFR-iň kompaniýalarynyň köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşine goşýan goşandyny aýratyn nygtady. Saglygy goraýyş ulgamynda köp ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan türkmen-german gatnaşyklaryny netijeli hyzmatdaşlygyň mysaly hökmünde görkezip bolar. Mälim bolşy ýaly, onuň çäklerinde dostlukly ýurduň hünärmenleri bilen tejribe alyşmak, türkmen lukmanlarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak, olaryň Ýewropanyň ösen lukmançylyk tejribesini öwrenmekleri üçin birnäçe alyş-çalyş maksatnamalary hereket edýär.

Oňyn ýagdaýda geçen söhbetdeşligiň barşynda medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň döwletara hyzmatdaşlygy berkitmekde, halklary ýakynlaşdyrmakda we medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda möhüm orun eýeleýändigi, şunda iki dostlukly halkyň bähbidine özara Medeniýet günlerini geçirmegiň, muzeý işi babatda tejribe alyşmagyň, bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy has-da ilerletmegiň zerurdygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bernd Haýnsy Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanasynyň ýolbaşçysy wezipesinde işe başlamagy bilen ýene-de bir gezek gutlap, ýola goýlan netijeli döwletara dialogyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna gönükdirilen işinde oňa hemmetaraplaýyn goldaw bermäge taýýardygyny beýan etdi.

Hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, diplomat däp bolan dostlukly gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin ähli tagallalary etjekdigine, iki ýurduň we olaryň halklarynyň bähbidine laýyk gelýän türkmen-german hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge tarap saýlanyp alnan ugry dowam etdirjekdigine ynandyrdy.

## Ýurdumyzyň energetika kuwwaty artýar



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz ösüşleriň täze belent sepgitlerine gadam basýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» kabul edildi. 3

## Sanly ykdysadyýet – ösüşleriň girewi



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly hem-de öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň netijesinde ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty barha artýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 - 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda alnyp barylýan işleriň netijesinde ähli önümçilik pudaklaryna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy Sanly ykdysadyýetimiziň binýadyny barha kämilleşdirýär. 3

## Köneürgenç – Merkezi Aziýanyň derwezesi



Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen häzirki döwürde ýurdumyzyň şäherleriniň we obalarynyň taryhy geçmişi giňden öwrenilýär. Köneürgenç, Merw şäherleri, Nusaý galasy öz döwründe dünýä medeniýetiniň we ylmynyň ösmegine uly goşant goşupdyrlar. Köneürgenjiň baý taryhy gadymy ýadygärlikleri, dürli döwürleriň eksponatlary, özboluşly milli mirasy uzak ýyllardan bäri dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň alymlaryny, taryhşynaslaryny hem-de dünýä arheologlaryny gyzyklandyryp gelýär. Şäherde belli alymlar, syýasatçylar, serkerdeler, zergärler hem-de ökde ussalar ýaşapdyr. 3

## Şu gün Parižde XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna badalga berler

Şu gün Fransiýanyň paýtagty Parižde XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasy geçiriler. Ýer şarynyň iň uly sport guramaçylygy bolan bu Olimpiada 11-nji awgusta çenli dowam eder. Oňa dünýäniň 206 ýurdundan 10 müň 714 türgen gatnaşýar. Şolaryň arasynda ildeşlerimiz hem bolup, türkmenistanly 6 türgen ýurdumyzyň adyndan wekilçilik eder. Uly dabara bilen ugradylan ýurdumyzyň wekiliýetinde umumylykda 19 adam bar. Ildeşlerimiz sportuň agyr atletika, dzýudo, ýüzmek hem-de ýeňil atletika görnüşleri boýunça bäsleşiklere gatnaşarlar. Agyr atletikadan Dawranbek Hasanbaýew 102 kg agram derejesinde çykyş eder. Dzýudo boýunça 2 türgen wekilçilik edip, Maýsa Pardaýewa 57 kg, Serdar Rahimow bolsa 66 kg agram derejesinde ýaryşa gatnaşar. Suwda ýüzmek boýunça geçiriljek bäsleşiklerde ýurdumyzyň adyndan Aýnura Primowa hem-de Musa Žalaýew çykyş ederler. A.Primowa 100 metr arkanlaýyn ýüzmek, M.Žalaýew



bolsa 100 metr erkin ýüzmek ýaryşlarynda bäsleşerler. Walentina Meredowa bolsa ýeňil atletikanyň 100 metre ylgamak ýaryşyna gatnaşar. Ildeşlerimize bu iri halkara sport ýaryşynda uly üstünlikler arzuw edýäris! 7

## Awazanyň seýilgähleri we suw çüwdürimleri

**Ajaýyp zamanamyzda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik tutumlaryny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz ykdysady, syýasy we medeni taýdan gülläp ösýär.**



Güneşli Diýarymyzda syýahatçylyk ulgamynda hem uly ösüşler gazanylýar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky myhmanhanalarda, sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde, kottejler toplumlarynda ýokary derejeli hyzmatlary ýola goýmakda öňdebaryjy tejribeler ornaşdyrylýar. Şu günler gojaman Hazaryň kenary köp adamly. Bu ýere saglygyny bejertmek we dynç almak maksady bilen gelýän myhmanlaryň sany yzygiderli artýar. Myhmanhananyň işgärleri «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna dynç almaga gelýän myhmanlara uly höwes bilen ýokary derejede hyzmatlary berýärler.

Balkan welaýat häkimliginiň web saýtynda berilýän maglumatlara görä, häzirki wagtda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda bir wagtyň özünde dynç alýanlaryň 10 müň 117-sini kabul edip bilýän 18 sany myhmanhana, 8 sany dynç alyş we sagaldyş merkezleri, şol sanda 1 müň 380 orunlyk çagalar üçin lagerler hem-de 9 sany kottejler toplumy hereket edýär. Dynç alýanlaryň hyzmatynda 4 sany seýilgäh bolup, olardan 2 sanysy oýun attraksionly seýilgählerdir. Geliň, sözümiz gury bolmaz ýaly, bu seýilgähler we suw çüwdürimler baradaky gyzykly maglumatlar bilen tanyş bolalyň.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döredilen teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz suw çüwdürimlerini, amfiteatry, çagalar üçin attraksionly oýun meýdançalary, birnäçe kafeler, gök zolaklar, tehniki desgalary öz içine alýan seýilgäh bu ýere dynç almaga gelýän syýahatçylaryň hem-de şäheriň ilatynyň iň söýgüli ýerine öwrüldi. 2



### Iň güýçli deňiz ýel turbinasy 4

Hytaýyň «Dongfang Electric Corporation» kompaniýasy kuwwatlylygy 18 MW/t deň bolan dünýäniň iň beýik deňiz kenaryndaky ýel turbinasynyň gurluşygynyň tamamlanandygyny mälim etdi.



### Dünýäniň iň uly meteoridi 5

Beýleki planetalardan tapawutlylykda Ýeriň aýratyn atmosferasy bolup, üstünde ýaşaýyş bar. Atmosfera gatlagy Ýeri kosmos giňişliginde gaýyp ýören ululy-kiçili daşlardan goraýar.



### «Paramount» studiýasy «Skydance Media» bilen birleşýär 6

«Hollywood»-yň meşhur studiýalarynyň biri bolan «Paramount» başga bir kompaniýa, «Skydance Media» kompaniýasy bilen birleşýär. Has takygy, «Skydance Media» kompaniýasy «Paramount» studiýasynyň paýnamalaryny satyn alar.




### 4 ýylda 4 kubok 8

Bilşiňiz ýaly, milli ýygyndylaryň arasyndaky iň gadymy futbol bäsleşigi Kopa Amerika. Ýagny Günorta Amerikanyň çempionaty. Geçen duşenbe günki final bilen tamamlanan 48-nji Kopa Amerikada Argentinanyň ýygyndysy çempion boldy.

# AWAZANYŇ SEÝILGÄHLERI WE SUW ÇÜWDÜRIMLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gury ýerdäki we deňiz suw çüwdürimler toplumyny öz içine alýan seýilgäh toplumyndaky häzirki zaman ýokary tehnologiýa esasynda sazlaşykly gurlan, beýikligi 40-dan 100 metre çenli bolan suw çüwdürimleri aýratyn özboluşlylygy bilen tapawutlanýar.

Deňiz kenaryndan 85 metr daşlykda ýerleşýän, boýy 24 metr, ini 60 metr bolan suw çüwdürimleriniň ýüzündäki ekranda dürli görnüşli golografik şekiller we tans edýän sudurlar görünýär we olar seýilgähde goýberilýän saz bilen utgaşykly hereket edip, yzygiderli çalşyp durýar. Deňiz suw çüwdürimlerinden ybarat bolan ekranda görünýän golografik şekilleriň boýy 20 metre ýetip, şekilleri hakyky ýaly edip görkezýär.





Seýilgähdäki goýberilýän saz bilen sazlaşykly gury ýerdäki kiçi suw çüwdürimleri hem dürli görnüşli tans hereketlerini ýerine ýetirip, gözellige has-da görk goşýar.

Deňze tarap gurnalan ýodajyk arkaly 50 metr aralygy geçip, iki tarapa uzalyp gidýän, her tarapynyň uzynlygy 34 metr bolan ýodajykdaky gözegçilik meýdançasyndan gündiz Hazar deňziniň gözelligini, agşamlyk bolsa ýakyn aralykdaky deňiz suw çüwdürimleriniň hereketlerini synlamak bolýar.

Deňziň kenarynda gurlan 2 müň 400 orunlyk amfiteatrda deňiz suw çüwdürimlerindäki jadylaýjy golografik şekilleri synlamak tomaşaçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar.

2018-nji ýylyň 21-nji iýulynda umumy meýdany 30 ga bolan akwapark ulanyşa berildi. Munuň özi uly toplum bolup, onuň düzüminde suw attraksionlary bilen bilelikde dürli ýaşdaky dynç alyjylaryň we syýahatçylaryň ýokary isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen gurlan beýleki desgalar hem girýär.

Bu ajaýyp desga gyşky we tomusky akwaparky, söwda merkezini, harytlaryň giň görnüşlerini hödürleýän onlarça dükanlary, supermarketi, 30-a golaý kafeleri we restoranlary, 1 müň 640 orunlyk amfiteatry, myhmanhanany, şeýle-de emeli daglary, kölleri, suw şaglawuklaryny, dag çeşmejiklerini – uly başdan geçirmeler mekanyny öz içine alýar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna häzirki wagtda dynç almaga gelýän raýatlaryň sany barha artýar. Olar dynç alyş we sagaldyş binalarynda, kottejler toplumlarynda, seýilgählerde, aýdymsaz merkezlerinde, sport desgalarynda, deňiz kenarynda we beýleki ýerlerde döredilen ähli amatlyklardan peýdalanyp, bu meşhur zolagyň taýsyz täsinliklerinden, gözelliklerinden lezzet alýarlar. Şeýle-de, dynç almaga gelýän raýatlar bu ýerdäki seýilgählerde we deňziň kenar ýakalarynda gezelenç edip, onuň hoştap howasyndan dem almagy dynç alşyň egsilmez höziri hasaplaýarlar.

Halkymyza işlemek we dynç almak üçin şeýle uly mümkinçilikleri döredip beren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun!

**Sylap REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň Tejen etrap bölüminiň harby gullukçysy, kapitan.*

## Kosmos ykdysadyýeti ösýär

Soňky ýyllarda kosmos pudagynda has köp hususy kompaniýa işläp başlady. Indi kosmos giňişligi diňe bir ylmy tejribeleriň geçirilýän ýa-da aragatnaşyk antennalarynyň uçurylýan ýerine däl, eýsem, syýahatçylyk maksady bilen gidilýän ýere hem öwrülýär. Şeýle bolansoň, bu pudaga has köp maýa goýum gönükdirilýär. Bütindünýä ykdysady forumy bilen «McKinsey & Company» bu barada maglumat taýýarlady.



Maglumatda 2035-nji ýyla çenli kosmos ykdysadyýetiniň 1,8 trillion dollara ýetjekdigi bellenilýär. Geçen ýyl bu görkeziji 630 milliard dollar bolupdyr. Bilermenler hususy kompaniýalaryň goşulmagynyň kosmosyň özleşdirilmegine itergi berendigini belleýärler.

Ilon Mask, Jeff Bezos we Riçard Branson ýaly işewürler kosmos pudagyna has köp maýa gönükdirýärler. Netijede, kosmosa adam we ýük gatnatmagyň bahasy görnetin arzanlady.

## Kriptopul arkaly tölegi ýaýbaňlandyrar

Ýokary tizlikli ulaglary öndürmegi bilen tanalýan «Ferrari» kompaniýasy kriptopul arkaly kabul edilýän tölegiň çägini giňeldýär. Kompaniýa şu aýyň ahyryndan başlap Ýewropadaky ähli söwda nokatlarynda kriptopul arkaly töleg kabul etjekdigini mälim etdi. Şeýle hem kompaniýa ýylyň ahyryna çenli kriptopullaryň kanun taýdan



kabul edilýän ähli ýurtlarynda şeýle mümkinçiligiň dörediljekdigini habar berdi. Italýan brendi geçen ýyl ABŞ-da kriptopul birlikleri arkaly tölegleri kabul edip başlapdy. Kompaniýanyň ýaýradan beýanatynda Ýewropada bu mümkinçiligiň döredilmeginiň ABŞ-da bu ugurda oňyn netije gazanylmagy bilen baglydygy aýdyldy.

## Tansyň saglyga täsiri

Dürli halklar irki döwürlerden bäri özboluşly aýdym-sazlary we tanslary dörediprdirler. Tans etmek adamyň ruhuny göterýär. ABŞ-ly alymlaryň pikirine görä, tans adamyň saglygyna-da peýdaly. Üstesine-de diňe fiziki däl, eýsem, ruhy saglygyna-da oňyn täsir edýär. Wirjiniýa politehniki institutynyň bilermenleriniň geçiren barlagyna görä, tans nerw ulgamyny gowulandyrýar. Şeýlelikde, geplemek we ýöremek ukyby peselende, bular bilen göreşmek aňsat bolýar. Tans beýniniň içindäki utgaşyklygy üpjün edýär.



## Ilkinji iňlis topary kosmosa gider

Birleşen Patyşalygyň Kosmos agentligi ilkinji iňlis astronawtlar toparyny kosmosa ugradar. Dört agzaly topara Timoti Pik serkerdelik eder. Pik 2016-njy ýylda Halkara kosmos bekedinde açyk asmana çykypdy. 52 ýaşly Pik kosmosa çykan iki iňlisden biridir. Iňlis astronawtlarynyň birnäçe günläp, ylmy tejribelere we tanyşdyrylyş maksatnamalaryna gatnaşjakdygy mälim edildi.



Mundan ozal ähli agzasy iňlislerden ybarat bolan topar kosmosa uçmandy.

# DIKLIGINE ÝAÝRAÝAN TOKAÝ

Italiýaly binagär Stefano Boeri Hytaýyň Huangan şäherinde guruljak «ýaşyl» taslamany işläp tamamlady. Taslama durmuşa geçirilende, 500 ilatly tokaýlyk şäherçede 5 müň düýpden gowrak gyrymsy agaç bolar. Ýurduň Hubeý welaýatyndaky Ýanszy deryasynyň kenarynda her gatynda dürli ösümlikler ekilen jaýlaryň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Ilatly nokat 4,5 gektardan gowrak ýeri öz içine alar. «Easyhome» Huangan dik tokaý toplumy atly taslamanyň çäginde ýaşaýyş jaý üçin niýetlenen 2 sany köp gatly jaý bilen 3 sany täjirçilik maksatly binalar bolar. Taslama üçin tebigy ýagdaýda ýaýramaýan ösümlikler saýlanyp alnypdyr. Bu ýerde jemi 404 görnüşli ösümlik bolup, 2409 inedördül metrde ot, güller we çyrmaşyp ösýän ösümlikler ekiler. Emeli usulda köp gatly binalaryň ýörite niýetlenen ýerlerine ekiljek ösümlikler her ýylda 20 tonna kömürturşy gazyny özüne siňdirip, 10 tonna kislorody bölüp çykarar.

Binagär binalaryň dizaýnynda agaçlar bilen örtülen jaýlaryň owadan bolup görünmegini göz öňünde tutandygyny belleýär. Binada ýaşaýanlar şäherdedigine garamazdan, özlerini tebigatyň jümmüşinde ýaly duýarlar.

Italýan binagär başga taslamalary hem taýýarlady. Ol Hytaýyň daglyk Guansi welaýatynda Lýuçžou tokaý şäheri atly taslamany hem taýýarlaýar. Lýuçžou dünýäde iň köp tüsseli şäherleriň biri hasaplanýar. Şol sebäpli bu ýerde şeýle taslamany durmuşa geçirmek talabalaýyk ha-



saplanypdyr. Şäherde guruljak taslamanyň çäginde 40 müň düýp agaç bilen 100-den gowrak görnüşli 1 milliondan gowrak beýleki ösümlikler oturdylar. Şäherçe 30 müň ilatly bolar.

**Gurbanmagtym GULGELDIÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň ortopediki we hirurgiki stomatologiýa kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# ÝAŞAMAK ÜÇIN IŇ AMATLY ŞÄHERLER

«The Economist» žurnaly dünýäde ýaşamak üçin iň amatly şäherleriň sanawyny taýýarlady. Neşire degişli bolan «The Economist Intelligence Unit» (EIU) sanawyna jemi 173 şäher girizilipdir. Sanaw taýýarlananda, esasan, durnuklylyk, medeniýet we daşky gurşaw, bilim, saglygy goraýyş hyzmatlary we infrastruktura ugurlary nazara alnyp, iň ýokary baly 100 bolan baha berilýär. Her ugurdan 30 töweregi maglumata garalýar we seljerilýär. Mysal üçin, saglygy goraýyş we bilimde berilýän hyzmatyň hiline we elýeterliligine seredilýär. Infrastruktura ugruna baha berlende, jemgyýetçilik ulaglary, ýollar, ýollaryň baglanyşygy, ýaşaýyş jaý we jemagat hyzmatlaryny göz öňünde tutulýar.

Bilermenler bu ýylky ortaça balyň 76,1-e çykandygyny belleýärler. Ortaça bahanyň ýokarlanmagynda bilim ulgamynyň ösmeginiň täsiri bolupdyr. Deň baha alandygy sebäpli käbir orunlara birden köp şäher mynasyp görlüpdir. Sanawyň başynda Awstriýanyň Wena şäheri bar. Şeýlelikde, bu şäher sanawda üçünji gezek birinjiligi eýeledi. Şäher bäş ugruň dördüsinden ýokary baha mynasyp bolupdyr. Sanawyň ilkinji onlugyna girýän şäherleriň köpüsi geçen ýylkydan üýtgemedi. Ikinji orny Daniýanyň Kopengagen şäheri eýeläpdir. Üçünji ýer-



de Şweýsariýanyň Sýurih şäheri bar. Dördünji ýeri Awstraliýanyň Melburn, bäşinji orny Kanadanyň Kalgari hem-de Şweýsariýanyň Ženewa şäherleri eýeläpdir. Sidneý (Awstraliýa) bilen Wankuwer (Kanada) altynjy, Osaka (Ýaponiýa) hem-de Oklend (Täze Zelandiýa) ýedinji bolupdyr. Adelaida (Awstraliýa), Toronto (Kanada) we Helsinki (Finlýandiýa) ilkinji onlugyň soňky basgançagyny eýeläpdir.

## Tehnologiýa kompaniýalary Hytaýdan öňe geçdi

**Dünýäniň öňdebaryjy 10 tehnologiýa kompaniýasynyň umumy gymmaty 18 trillion dollara golaýlady. Şeýlelikde, 2023-nji ýylda jemi içerki önümi 17,6 trillion dollar bolan Hytaýdan öňe geçdiler. «Companies Market Cap» saýtynyň seljermesine görä, iri kompaniýalaryň paýnamalary we bazar gymmaty göz öňünde tutulanda, «Apple» 3,4 trillion dollarlyk gymmaty bilen öňdeligi eýeleýär. Bazar gymmaty 3,3 trillion dollar bolan «Microsoft» ikinji orunda durýar. Mahal-mahal birinji orna-da çykýan «Microsoft»-yň bazar gymmaty 2023-nji ýylyň iýul aýynda 2,5 trillion dollar bolan bolsa, bir ýyldan soňra 3,3 trillion dollara ýetdi. Kompaniýanyň gymmatynyň artmagynda emeli aň we «bulut» hyzmatlarynyň täsiri uly bolupdyr. Soňky ýyllarda garaşylmadyk ýagdaýda öňe saýlanan NVIDIA kompaniýasynyň bazar bahasy 3 trillion dollardan geçipdir. Geçen ýylyň iýul aýynda bu görkeziji 1,2 trillion dollar bolupdyr. Emeli aň tehnologiýasyna degişli harytlary we hyzmatlary çykarmagy bu kompaniýanyň çalt depginler bilen ösmegine getirdi.**




**Sanawda «Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet» 2,2 trillion dollarlyk bazar bahasy bilen dördünji, «Amazon» 1,9 trillion dollarlyk bazar bahasy bilen bäşinji orunda durýar. «Meta» (1,2 trillion dollar), TSMC (878 milliard dollar), «Tesla» (802 milliard dollar), «Broadcom» (749 milliard dollar) we «Tencent» (449 milliard dollar) ilkinji onluga giripdir.**

## Kömür önümçiligi azalar

**Halkara energiýa agentligi «Kömür-2024» atly maglumat taýýarlady. Maglumatda elektrik energiýasyny öndürmekde giňden ulanylýan bu magdanyň, esasan, Hytaýda we Hindistanda has köp sarp edilýändigi, bu iki ýurtdaky artyşyň netijesinde geçen ýyl dünýäde kömre bolan islegiň 2,6 göterim artandygy bellenildi. Kömre islegiň artmagynda elektrik energiýasyna islegiň ýokarlanmagynyň we gidroelektrik beketleriň önümçiliginiň pese gaçmagynyň täsiri bolupdyr. Dünýäde sarp edilýän kömrüň ýarysynyň Hytaýa degişlidigi bellenildi. Ýewropada kömre bolan isleg 2000-nji ýyllardan başlap azalyşyny dowam etdirdi. Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda elektrik energiýasynyň önümçiligi kömürden 25 göterim azalypdyr.**



**Günden we ýelden alynýan elektrik energiýasynyň çalt depginler bilen ösýändigine garamazdan, kömre bolan islegiň şu ýyl hem-de geljek ýyl üýtgewsiz bolmagyna garaşylýar. Şu ýyl Hytaýda elektrik energiýasynyň sarp edilişiniň 6,5 göterim ösjekdigi sebäpli kömrüň sarp edilişiniň azalmagyna garaşylmaýar. Hindistanda bolsa, ýylyň ikinji ýarymynda kömre bolan islegiň azalmagyna garaşylýar. Maglumatda kömre bolan global islegiň belli bir sepgide ýetip, ýakynda azalyp başlajakdygy mälim edildi.**

## Iň yssy howa hasaba alyndy



**Soňky ýyllarda Ýer ýüzüniň köp ýerinde aşa yssy howa hasaba alynýar. Ýewropa Bileleşiginiň Kopernik adyndaky klimatyň üýtgemegi baradaky gullugy 21-nji iýulyň bütin dünýäde häzire çenli hasaba alnan iň yssy gün bolandygyny belledi. Şol gün howanyň temperaturasy dünýäde ortaça 17,09 dereje bolupdyr. Şeýle hem ABŞ, Ýewropa we Russiýa yssy howa akymynyň täsirine giripdir. Geçen ýylyň 3-6-njy iýuly aralygynda hem şol döwre çenli hasaba alnan iň yssy günler bolandygy bellenildi. Alymlar bu ýylky aşa yssy howanyň «El Nino» howa akymy bilen baglanyşyklydygyny belleýärler.**

## Howadan suw öndürýän enjam

Üns beren bolsaňyz howanyň yssy günlerinde serginledijileriň daşky böleginden az mukdarda suw damjajyklary damýar. Suw damjasy uly awtobuslaryň ýa-da otlularyň serginlediji ulgamynda hem peýda bolýar. Bu ýagdaý serginledijiniň içerdäki çyglylygy daşaryk çykarmagy bilen bagly bolup, adaty ýagdaýdyr.



Ýagny serginlediji jaýyň ýa-da ulagyň içindäki howadaky bugy daşaryk çykaranda sowuk ýerden geçen bug suwa öwrülýär. Emma bu suw örän az mukdarda bolýar. Bilermenler bolsa, howadan has köp suw alyp, suw ýetmezçiliginiň öňüni almakda peýdalanmagy maksat edinýärler. ABŞ-nyň Ýuta uniwersitetiniň inženerleri howadaky suw molekulalaryny toplap, içimlik suw öndürýän enjam oýlap tapdylar.

Ylmy-barlag toparynyň agzasy Samir Rao öndüren enjamynda ulanylan metal-organiki materialyň suwy ýokary derejede özüne siňdirýändigini belleýär. Bu usul arkaly has köp suw ýygnap bolýandygy bellenilýär. Enjam bugy gözenekler arkaly tutandan soňra suw molekulalary gyzdyrylyp, suwuk ýagdaýa getirilýär.

**Sonagül ANNAÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň «Ýeňiş» kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Goşa ganatly ýel turbinasy

Hytaý birnäçe ýyl bäri deňizlerde ýel turbinalaryny gurýar. Deňizler gury ýere garanyňda yzygiderli ýel öwüsýändigi sebäpli turbinalaryň üznüksiz işlemegini üpjün edýär. Hytaýly inženerler dürli çözgütleri hödürleýärler. Golaýda bolsa, «Mingyang Smart Energy» kompaniýasy tarapyndan «OceanX» atly ýel turbinasynyň gurluşygy tamamlandy. Y görnüşli bitewi platformada ýerleşýän desganyň ýokarsy V şekilli bolup, hersiniň ujunda aýratyn perleri bar. Gurluşyň umumy agramy 16 müň 500 tonna, perleriniň diametri 182 metre ýetýär. Berk gurluşly «OceanX» desgasy tizligi sagatda 260 kilometre ýetýän ýele hem-de 30 metre ýetýän tolkunlara çydap bilýär. Ýel turbinasy bir ýylda, takmynan, 30 müň hojalyga ýetjek 54 müň MW/t elektrik energiýasyny öndürmäge ukyplydyr. Häzirki wagtda Hytaýyň günortasyndaky Guançžou portunda duran desgany kenardan uzakdaky başga bir ýere ýerleşdirmek meýilleşdirilýär.



Ýurtda 2025-nji ýyla çenli sarp edilýän elektrik energiýasynyň üçden bir böleginiň arassa çeşmelerden üpjün edilmegi maksat edinilýär.

**Mährem BABAMYRADOWA,**
*TMÝG-niň Hojambaz etrap Geňeşiniň işjeň agzasy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 26-sy, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114448
Belgisi: 30/1596
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# SANLY YKDYSADYÝET – ÖSÜŞLERIŇ GIREWI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Muňa maýa goýum syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylyp, önümçilik pudaklaryny, durmuş we hyzmatlar ulgamyny ösdürmek üçin köp möçberde serişdeler gönükdirilmegi, Arkadag şäheriniň dabaraly açylmagy we bu «akylly» şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygyna badalga berilmegi aýdyň subutnamadyr.

Sanly ykdysady ulgam bagtyýar raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň hil we mukdar taýdan kämilleşmegine itergi berýär. Täze we döwrebap önümçilik-hyzmat desgalarynyň döredilmegi bir tarapdan ilatymyzyň iş bilen üpjünçiligine oňaýly şert döredýän bolsa beýleki tarapdan täze hünärleriň döremegine hem-de döwrebap hünärmenleriň kemala gelmegine itergi berýär. Bu bolsa kemala gelen bilim, hünär we tejribe ulgamyndaky döwrebap düşünjeli ýaş hünärmenlerimiziň önümçilik serişdeleridir tebigy baýlyklarymyzy has netijeli ulanyp, ykdysady netijeliligiň hem-de ýitgisiz önümçiligiň kämilleşdirilmegine getirýär.

Önümçilik serişdeleriniň tehnikadaky we tehnologiýadaky ösüşleriň hasabyna diwersifikasiýa usuly bilen ýitgisiz hem-de has netijeli ulanylmagy harytlyk önümleriň ýa-da hyzmatlaryň önümçilik möçberiniň hem-de hiliniň ýokarlanmagyna getirýär. Makroykdysady syýasatyň netijesinde döwletimizde hususy eýeçiligiň ösmegi telekeçiligiň esasy ýörelgeleri bolan töwekgelçilik, çakganlyk, täzelikçilik ýaly häsiýetlerini giňden ulanmaga mümkinçilik döredýär. Bu bolsa öz gezeginde pudaklardaky ykdysady netijeliligi ýokarlandyrmakda bäsleşikli şertleri ýüze çykarýar.

Daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň hem-de hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ýurdumyzyň içinde öndürilmegi ýola goýulýar. Milli önümçiligimize we önümlerimize dünýä döwletleriniň hyrydar hökmünde çykyş etmegi, gysga wagtda ýurdumyzy eksport ediji döwlete öwrer. Ak bazarlarymyzda hyrydarlyk-hödürlemä esaslanýan erkin bäsleşikli bazar şertleriniň döredilmegi, ösen ýurtlaryň enjamlarydyr tejribeleriniň milli ykdysadyýetimize ornaşdyrylmagy ýokary hilli, ekologiýa taýdan howpsuz önümleri öndürmäge uly mümkinçilik döredýär.

Sanly ulgam boýunça gazanylan kämil we takyk statistiki maglumatlar binýady milli ykdysady ösüşimiziň özeninde durýan saglyk, bilim, azyk we durmuş üpjünçiligi, býujet-salgyt, maýa goýum we sebitleri ösdürmek baradaky syýasy-ykdysady maksatnamalary we strategiýalary, ägirt uly işleri we has iri taslamalary üstünlikli amala aşyrmaga örän möhüm şertleri döredýär. Ýurdumyzda ykdysady taýdan bähbitli we durmuş taýdan zerur strategiýalary, ägirt uly işleri we iri taslamalary işläp taýýarlamaga hem-de üstünlikli amala aşyrmaga şertler döredilýär.

Sanly intellektual tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy býujet gatnaşyklarynyň takyk gözegçiligine, netijeli dolandyryşyna, awtomatlaşdyrmagyň hasabyna maliýe-ykdysady ulgamyň işiniň gysga wagtda az harajat bilen amala aşyrylmagyna itergi berýär. Maliýe-ykdysady maglumatlaryň howpsuz, çalt we takyk dolanyşygyny üpjün edýär. Innowasion tehnologiýalaryň senagat ulgamyna ornaşdyrylmagy uglewodorod serişdeleri, magdanlary gözlemegi, gazyp almagy, gaýtadan işlemegi, zähmet öndürijiligini, önümçiligiň howpsuzlygyny, dolandyryş netijeliligini, hasabatlylygyň takyklygyny kämilleşdirýär.

Logistika, ulag-kommunikasiýa ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy hyzmatlaryň ulag görnüşleriniň hereketiniň hakyky wagt birliginde awtomatlaşdyrylan tertipde dolandyrylmagyna, ulgamdaky dörän näsazlyklary tiz ýüze çykarmaga we netijeli çözgütleri kabul etmäge, işiň görnüşlerini we üstaşyr daşalýan ýükleriň möçberleriniň artdyrylmagyna uly şertleri döredýär. Sanly hyzmatlar ulgamy kämil maglumat geçiriş, elektron söwda, elektron resminama dolanyşygynyň we önümçiliginiň ýokarlandyrylmagyna, sanly intellektual tehnologiýalaryň, innowasion çözgütleriň ornaşdyrylmagyna, söwda kärhanalarynda iş ugruny awtomatlaşdyrma-



ga, ýurduň jemi içerki önümindäki paýyny artdyrmaga ýardam berýär.

Ilatly ýerleriň energiýa üpjünçiligi, ygtybarlylygy we netijeliligi gazanylýar, energiýa serişdeleriniň maglumatlary uzak aralyklarda ýerleşýän enjamlarda elektron görnüşde toplanyp seljerilýär, ýitgileri we harajatlary azaltmak, energiýanyň alternatiw çeşmelerini peýdalanmak boýunça mümkinçilikler giňeldilýär.

Sanly intellektual tehnologiýalaryň we öňdebaryjy tejribeleriň oba hojalygynda giňden ornaşdyrylmagy zähmet öndürijiligini, öndürilýän oba hojalyk önümleriniň hilini ýokarlandyrmaga, ýitgileri we harajatlary peseltmäge, pudagyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaga we durnukly ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik döredýär.

Sanly ykdysady ulgamyň milli ykdysadyýetimize ornaşdyrylmagy innowasion ösüş we öňdebaryjy tehnologiýa arkaly önümçilik harajatlaryny, sarp edilýän wagty ep-esli azaltmaga, serişdeleri tygşytly we daşky gurşawa zyýansyz ulanmaga, önümçilik pudaklaryny ylmy taýdan ösdürmäge, iş bilen üpjünçiligi hil taýdan ýokarlandyrmaga, elektron resminamalar dolanyşygyny kemala getirmäge oňyn täsirini ýetirýär.

**Ýedibaý BAÝRAMDURDYÝEW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# ÝURDUMYZYŇ ENERGETIKA KUWWATY ARTÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Görnüşi ýaly, bu maksatnamalary amala aşyrmak üçin giň gerimli işleriň täze tapgyryna badalga berilýär, örän ähmiýetli taslamalar durmuşa geçirilýär. Şol durmuşa geçirilýän ähmiýetli taslamalaryň biri hem Diýarymyzyň energetika kuwwatynyň ösüşi bolup durýar.

Ýurdumyzda ýangyç-energetika toplumyny ösdürmegi çaltlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hasaplanýar. Energetika babatda döwlet syýasaty energetiki garaşsyzlygy we howpsuzlygy üpjün etmäge, energetikanyň daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmaga gönükdirilendir. Bu wezipeleri üstünlikli çözmek üçin ekologiýa taýdan arassa energetikany, onuň mundan beýläk hem howpsuzlygyny, energotygşytlylygyň dolandyrylmagynyň öňdebaryjy usulyýetleriniň we ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagyny, önümçiligiň we energiýa serişdeleriniň, şol sanda elektrik energiýasynyň sarp edilişiniň energo netijeliligini üpjün edýän, ylmyň gazananlaryna esaslanýan täze tehnologiýalary işläp taýýarlamak we önümçilige ornaşdyrmak babatda möhüm işler alnyp barylýar.

Bu aýdylanlaryň aýdyň subutnamasy bolup ýakynda, has takygy, 2024-nji ýylyň ýanwar–iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemlerine bagyşlanan Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde degişli wise-premýeriň nebit we gaz kondensatyny çykarmak, polipropilen öndürmek boýunça gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada hasabaty diňlenildi. Hasabatdan görnüşi ýaly, «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan meýilnamanyň 102,9 göterim ýerine ýetirilendigi bellenildi. Döwlet konserniniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlary tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 102,9 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe benzin öndürmegiň meýilnamasy 106,3 göterim, dizel ýangyjynyň meýilnamasy 100,1 göterim, polipropileni öndürmegiň meýilnamasy 107,9 göterim, çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 116,7 göterim berjaý edildi. Şeýle-de, suwuklandyrylan gazy öndürmek, tebigy we ugurdaş gazy çykarmak, mawy ýangyjy daşary ýurtlara ibermek babatda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz senagatynyň milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Şoňa görä-de, topluma degişli kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmak üçin döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmagy we toplumlaýyn çäreleri görmegi dowam etdirmek, Hazar deňziniň sebitinde uglewodorod serişdelerini gözlemek we özleşdirmek üçin daşary ýurt kompaniýalaryny çekmek, türkmen geologlary tarapyndan uglewodorod serişdeleriniň geljegi uly bolan gatlaklaryny gözlemek, barlamak işlerini netijeli dowam etdirmek, ýurdumyz-



da uglewodorod serişdelerini gözlemek, ýüze çykarmak, özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de güýçlendirmek we bu işlere halkara tejribäni giňden ornaşdyrmak zerur bolup durýar diýip hormatly Prezidentimiz nygtady.

19-njy iýulda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň suwuklandyrylan gazy saklaýan we ýükläp iberýän desgalarynyň kuwwatyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Bellenilişi ýaly, zawodlar toplumy tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň netijesinde, dürli görnüşli nebit önümleri bilen bir hatarda, suwuklandyrylan gaz hem öndürilýär. Ony saklamak hem-de sarp edijilere ýükläp ibermek üçin ýörite terminalyň hyzmatyndan peýdalanylýar. Bu desgalaryň kuwwatyny artdyrmak maksady bilen, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň golaýynda ýerleşýän, suwuklandyrylan gazy saklamak we ýükläp ibermek üçin niýetlenen terminaly giňeltmek, onuň kuwwatyny artdyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Türkmenistan tebigy baýlyklaryny dünýä bazarlaryna çykarmakda hem köpugurly taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär. Tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýän ýurdumyz Ýewropanyň we Aziýanyň energetika bazarlaryny integrirlemek pikirlerini hem-de ýörelgelerini yzygiderli öňe sürýär. Bu ulgamda döwletara söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmek hem-de daşky gurşawy goramak babatdaky ählumumy meseleleri çözmek nukdaýnazaryndan ekologiýa taýdan arassa energiýany ulanmaga geçmek ýaly möhüm ähmiýete eýe bolan iri taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bu giň gerimli taslamalar Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin energetika diplomatiýasyny ösdürmegiň tassyklanylan maksatnamasyna laýyklykda durmuşa geçirilýär. Onda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary, Halkara energetika agentligi, Energetika Hartiýasynyň Sekretariaty hem-de beýleki ugurdaş düzümler bilen hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary kesgitlendi. Ýangyç-energetika toplumynyň öňünde durýan möhüm wezipe eksport bilen bir hatarda, energiýa serişdelerine artýan içerki zerurlyklary kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Bu bolsa milli ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň, şol sanda nebitgaz, himiýa, elektroenergetika, gurluşyk senagaty we beýleki pudaklaryň depginli ösüşi bilen şertlendirilendir.

Ýurdumyzyň energetika kuwwatyny ösdürmekde maksatnamalaýyn işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Ýusup ULUGBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# KÖNEÜRGENÇ – MERKEZI AZIÝANYŇ DERWEZESI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şähere çar künjekden myhmanlar gelipdirler, täjirleriň we söwdagärleriň, syýahatçylaryň gelim-gidiminiň yzy üzülmändir. Hytaý imperatorlarynyň biri öz ilçisi Çžan Szýany Merkezi Aziýa ýurtlaryna syýahatçylyga ugradýar. Ilçi il arasynda «Hytaý Geredoty» ady bilen tanalypdyr. Bu hytaý alymy «taryhyň atasy» hasaplanypdyr. Hytaý ilçisi Merkezi Aziýa ýurtlarynda geçiren ekspedisiýasynyň netijesinde ýurtlaryň geografiki ýerleşişini, içerki resurslaryny, daglary we derýalary öwrenipdir. Bazarlara baryp görüpdir, harytlaryň bahalary bilen gyzyklanypdyr hem-de köp zatlar bilen tanşypdyr. Ilçi syýahat edýän wagty halklaryň medeniýeti, däp-dessurlary, ösen maldarçylyk pudagy we senetçilik





hünärmentçiligi bilen içgin tanşypdyr. Ilçi Watanyna dolananda gyzykly maglumatlary taýýarlapdyr. Şonuň ýaly-da, ilçi owadan behişdi türkmen atlary barada ýan depderinde aýratyn belläpdir. Şeýlelikde, Çžan Szýanyň ekspedisiýasy arkaly Gürgenç şäherine ýol açylypdyr.

Ekspedisiýanyň netijesinde hytaýly söwdagärlere Merkezi Aziýa ýurtlarynyň bazarlaryna, Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryna çenli aralaşmaga mümkinçilik döräpdir. Bu kerwen ýoly häzirki Türkmenistanyň çäginden geçipdir. Türkmen topragynyň çäginden geçen Beýik Ýüpek ýoly halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmekde, işjeň duşuşyklar we gepleşikler üçin uly ähmiýete eýe bolupdyr. Şeýle hem Hytaý bilen söwda gatnaşyklaryny ymykly ýola goýmaga mümkinçilik döräpdir. Söwda kerwenleri kynçylyklara garamazdan Beýik Ýüpek ýolunyň ugry bilen ýüpek we halylar, altyn we gymmat bahaly daşlar, zergärçilik önümleri we miweler, kagyz we matalar, hoşboý ysly zatlar we dermanlar, çaý, tüwi we beýleki köp zatlar daşalypdyr. Syýahatçylar, alymlar özleri üçin täze şäherleri açypdyrlar. Olar halklaryň gündelik durmuşy bilen gyzyklanypdyrlar. Ýerli ýaşaýjylaryň däp-dessurlaryny we medeniýetini öwrenipdirler, ylym-bilimleri bilen giňişleýin tanşypdyrlar. Hytaýa ajaýyp türkmen atlaryny, nepisligi we gaýymlygy boýunça gaýtalanmajak halylary, ýumşak nah matalary, ýorgan-düşekler, şirin üzümler, künji, datly gawun-garpyzlar, guradylan miweler, reňkli aýnalar we şuňa meňzeşler äkidilipdir. Hytaýdan häzirki Türkmenistana ýüpek, çaý, kagyz, farfor önümleri getirilipdir. Bu harytlar juda geçginli bolupdyr. Beýik Ýüpek ýolunyň bir şahasy gadymy Köneürgenjiň üstünden geçipdir. X asyryň ahyrynda Gürgenç Horezm döwletiniň merkezi hasaplanypdyr. Syýahatçylar Köneürgenç barada täsin galmak duýgusy bilen ýazgylar galdyrypdyrlar. Arap geografy Al-Istahri (850-934), «Ürgenç Horezmiň iň uly şäherleriniň biridir» diýip belläp geçipdir. Şol ýerden ýükli kerwenler Jurjan şäherine, Hazara we Horasana gidipdirler. Olaryň önümleri diňe ýerli bazarlara däl-de, eýsem, dünýä bazarlaryna hem çykarylypdyr. Beýleki arap syýahatçysy, geograf we taryhçy Ýakut al-Hamawi (1178-1229) haýran galmak bilen Köneürgenç barada şeýle ýazypdyr. «Dünýäde şunuň ýaly şäher bardyr diýip pikir hem etmändim, şäher bazarlary dürli harytlaryň bolçulygy bilen meşhurdy». Tanymal arap syýahatçysy we täjir Ibn-Battuta (1304-1377) Ürgenç barada ýazgysynda «Bu uly owadan şäheriň ajaýyp bazarlary, giň köçeleri köpsanly gurluşyklary ýatdan çykmajak pursatlary döredýär, şäherde joşgunly durmuş höküm sürýär we ýaşaýjylaryň şeýle bir köplügi sebäpli deňiz ýaly tolkun atýardy. Bir gezek şäheriň içi bilen barýarkam men bazara girdim, bazaryň ortarasyna ýeten wagtym öňe-yza hereket edip bilmedim».

Mongollar Ürgenji basyp almazynyň öňüsyrasy şäher gündogaryň iň uly we haşamly şäherleriniň biri bolupdyr. XI-XIII asyrlarda şäheriň jemgyýetçilik gatlagynda belli bir derejede sowatly adamlar ýüze çykarylypdyr. Olar birnäçe dil bilmegi başarypdyrlar. Bu ýerde ýokary hünärli adamlar zähmet çekipdirler. Şunlukda, adamlaryň bilime bolan teşnegi olaryň çuň bilim almagyna hem-de ylmy işleri bilen meşgul bolmagyna getiripdir. Bularyň ählisi zehinli alymlary, tebigat hadysalaryny öwrenijileri ýüze çykarmaga we ylmyň ähli ugurlarynyň ösmegine güýçli itergi beripdir. Gürgenç dünýäde beýik alymlary, ajaýyp lukmanlary, parlak şahyrlary we jaý gurujy ussalary kemala getiripdir. Köneürgençde dünýä ýaň salan zehinli alymlar we döredijiler ýaşapdyr. Olardan meşhur matematik we astronom Muhammed Ibn Musaal-Horezmi (783-850), zehinli lukman Abu Ali Ibn Sina (980-1037), belli alym, ensiklopedist Abu Reýhan Al-Biruny (973-1048), görnükli alym Abul-Kasym Jarallah Mahmud ibn Omar al-Zamahşari (1075-1144) dagylar Horezmiň genji-hazynasy hasaplanypdyr. Mundan başga-da, beýik taryhçy alym Abu Said as-Samani (1113-1167), XII asyrda Horezmiň paýtagtynda işlän görnükli lukman Zeýneddin Abu-Ibrahim al Gürgenli ýaly tanymal alymlar öz döwrüniň bilimdar adamlary bolupdyr. XIII asyrda asman jisimlerini öwrenen belli alym, astronom Alişah ibn Muhammed ibn Kasym al Horezmi (1226-1300), şeýle hem belli geograf Muhammed ibn Nadjib Bekrana Köneürgençde işläpdirler. Köneürgenç döwlet taryhy-medeni goraghanasyna degişli XII-XV asyrlaryň arhitektura ýadygärlikleri Bütindünýä medeni ýadygärlikleriň sanawynda görnükli orun eýeleýär. Olardan Törebeg hanymyň aramgähi, Gutlug Timuryň (1321-1335) adyny göterýän minara (beýikligi 64 metre deň) bar. Onuň gümmeziniň binagärlik-gurluşyk işleriniň aýratynlygy ýüzlerçe ýyl öňde bolup, dünýäde gümmeziň deňi-taýy bolmandyr. Häzirki wagtda Nejmeddin Kubranyň aramgähi we onuň töweregindäki beýleki ýadygärlikler köp döwletleriň syýahatçylaryny özüne çekýär.

**Gurbannepes TÄÇMEDOW,**
*TDP-niň Köneürgenç etrap komitetiniň bölüm müdiri.*

# TEBIGATYŇ GORAGYNDA

Paýtagtymyzda we onuň daş-töwereginde hem-de şäherlerdir etraplarda ekilen agaç nahallary, bu günki gün boý alyp, uly daragtlara öwrüldi.

Tebigatymyzyň bu ajaýyp gözelligini ýangyn howpundan gorap saklamak her birimiz üçin mukaddes borçdur. Şonuň üçin hem tokaý-seýilgäh zolaklarynda ekilen arçalaryň aralyklary guran dürli haşal otlardan wagtynda arassalanyp, sürüm işleri geçirilmelidir. Her bir bölünip berlen çäkler ilkinji ýangyn söndüriji serişdeler bilen üpjün edilmelidir. Ot ýakmazlyk baradaky suratly ýatlamalar görnükli edilip goýulmalydyr. Bölünen çäklerde ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň berjaý edilişine ýörite jogapkär adamlar bellenmelidir.

Tebigatymyzyň ajaýyplyklaryny ýangyn howpundan gorap saklamak üçin Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri tarapyndan «Ýangynlaryň öňüni almak we dörän ýangynlary guramaçylykly söndürmek baradaky» ynsanperwer kararlar ka-



bul edilýär. Şol kararlarda, tomus paslynyň ýangyn howply möwsüminde gözel tebigatda adamlaryň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde raýatlara açyk otdan peýdalanmagy doly gadagan edýär we açyk otdan peýdalanýan raýatlara garşy Türkmenistanyň Kanunçylygyna laýyklykda çäre görmeklik degişli gözegçilik işlerini geçirýän gulluklara tabşyrylan.

Dynç gününde ýa-da zähmet rugsady wagtynda howanyň yssy günleri ildeşlerimiz maşgalalary bilen tämiz howaly, akar suwly tokaý seýilgäh zolaklarynda dynç alşy guraýarlar. Dynç alyş çäreleri guralanda nahar bişirmek üçin ot ýakylýar. Ot ýakmagyň özboluşly düzgünleri berjaý edilmese ýangynyň ýüze çykmak howpy döreýär. Şonuň üçin hem Aşgabat şäherinde we welaýatlarda köpçülikleýin dynç alynýan ýerlerde ot ýakmak doly gadagan edilen. Eger-de zerurlyk bolan ýagdaýynda ot ýakmak üçin çägeli ýa-da akar suwuň golaýyndaky daşly ýer saýlanmalydyr. Ot ýakylmazdan öň ot ýakyljak ýeriň 15 metr daş-töweregi guran ot-çöplerden topraga çenli arassalanmalydyr. Ot ýakyljak ýer ýarym metr çuňlukda oý ýerde bolmalydyr ýa-da daşly ýerde bolanda töweregine daşlary örmelidir. Otdan peýdalanyp bolandan soň, suw sepilip ýa-da gum, çäge sürlüp doly söndürilmelidir. Kähalatda çagalar tebigatyň gözel ýerlerinde ýekelikde gezelençler edýärler ýa-da mal bakmak ýaly işler bilen meşgullanýarlar. Şeýle ýagdaýda olar ot ýakyp ýa-da ot bilen baglanyşykly ýangynyň döremegine sebäp bolup bilýärler.

Köpçülikleýin dynç alyş ýerlerinde söndürilmedik çilim, otluçöp galyndysyny taşlamak howpludyr. Şeýle-de, dynç alyş ýerlerinde çüýşe gaplaryny we aýna döwüklerini galdyrmaly däl, sebäbi şol aýna gaplardan Günüň şöhlesiniň ugruny üýtgedip geçmegi bilen ýangynyň döremegine sebäp bolmagy mümkindir.

Dynç alşa maşgala bolup gidilende çagalary gözegçilikde saklap, olaryň ot bilen oýnamagynyň öňüni almaly. Dynç alşa barlanda adamlar şahsy awtoulagy bilen barýarlar, kähalatlarda bolsa awtoulaglar bilen guran ot-çöpleriň üstüni basyp sürýärler. Bu bolsa howply ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirip bilýär. Sebäbi awtoulagyň tüsseçykaryndan uçgunlaryň çykmagy we guran ot-çöplere uçgunyň düşmegi bilen ýangyn döremek howpy ýüze çykýar. Kähalatlarda bolsa dynç alyş ýerlerinde şahsy awtoulaglarda bejeriş-abatlama işleri geçirilip, adamlar elini ýa-da awtoulagyň şaýlaryny esgiler bilen süpürip, şol ýag-ýangyç siňen esgileri guran ot-çöpleriň üstüne taşlap gidýärler. Bu bolsa howply ýagdaýlaryň döremegine getirýär. Sebäbi ýag-ýangyç siňen esgiler yssy howanyň amatly şertlerinde öz-özünden ýanmagy hem-de tebigatymyzyň gaýtalanmajak gözelligine uly zeper ýetirmegi mümkin.

Türkmenistanyň çägindäki eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edara-kärhanalaryň, guramalaryň ählisi öri meýdanlarda, çöllerde, daglarda we tokaýlarda gözel tebigatymyzda islendik işler geçirilende ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini doly berjaý etmäge borçludyrlar.

Biz hem ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmakda alnyp barylýan işleriň ähmiýetini ýokarlandyryp, hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde ýurdumyzda hukuk tertibini we kanunçylygy pugtalandyrmak, raýatlaryň kanuny hukuklaryny, bähbitlerini we döwletimizdäki eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, olara berkidilen tokaý-seýilgäh zolaklarynyň ýangyn howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmek boýunça ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplarynyň berjaý edilmegini gazanjakdygymyza, şeýle-de şol düzgünleriň doly, dogry ýerine ýetirilmegini, raýatlaryň janyna we saglygyna, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz oduň döremeginiň öňüni alyş işlerini geçirmek ugrunda janymyzy aýaman, halal zähmet çekjekdigimize, Watanymyza, halkymyza, hormatly Prezidentimize wepaly gulluk etjekdigimize ynandyrýarys.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri - uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Perguza köli guraýar.** Italiýanyň Sisiliýa adasyndaky Perguza köli howanyň global maýlamagy sebäpli gurady diýen ýaly.



1,8 inedördül kilometr meýdany tutýan sebitdäki ýeke-täk köl tebigy goraghananyň çägine girýär. Perguza göçegçi guşlaryň esasy dynç alyş ýeridi.

**Müsürli zenanyň keşbi döredildi.** Alymlar 1500 ýyl mundan ozal ýaşap geçen gadymy müsürli zenanyň mumiýasy esasynda onuň 3D keşbini döretdiler.



Braziliýanyň meşhur 3D dizaýneri Sisero Morais barlagçylar topary bilen bilelikde dikeldiş işini amala aşyrdy. Hünärmenler sanly portreti döretmek üçin zenanyň kelleçanagyny öwrendiler.

**Bir tigirli welosipedde geçdi.** Imon Kiweni Irlandiýany bir tigirli welosipedde 5 gün 5 sagat 23 minutda geçip, täze dünýä rekordyny goýdy.



613 kilometr uzynlykdaky syýahat adanyň iň günorta nokady Mizen-Hedde başlap, iň demirgazyk nokady Malin-Hedde tamamlandy diýip, Ginnesiň rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär.

**Orta asyr mähellelerini abatlamakçy.** Marokkonyň hökümeti Patyşalygyň dürli şäherlerinde orta asyr mähellelerini abatlamak üçin 800 million dollardan gowrak serişde sarp etdi.



Patyşalygyň maddy we medeni mirasy hasaplanýan gadymy mähelleler ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

**Iň uzyn ýaşyl magistral gurlar.** Dubaýda «Green Spine» atly dünýäniň iň uzyn «ýaşyl» awtomagistraly gurlar.



Taslamany URB binagärlik kompaniýasy işläp düzdi. Gurluşyk işleriniň 2040-njy ýyla çenli tamamlanmagy meýilleşdirilýär. Uzynlygy 64 kilometre ýetjek bu magistralda infrastrukturany üpjün etmek üçin 100 göterim täzelenýän energiýa çeşmesi bolar.

**Gymmada satylan stegozawr.** Nýu-Ýorkdaky «Sotheby's» auksionynda «Apeks» atly stegozawryň skeleti rekord bahadan – 44,6 million dollara satyldy.



«Apeks» häzire çenli tapylan doly stegozawr skeletleriniň biridir, onuň, takmynan, 319 süňkünden 254-si bar. Ol 2022-nji ýylda Koloradoda Jeýson Kuper tarapyndan tapyldy.

**Maýmynlar üçin kanun.** Ispaniýanyň hökümeti adampisint maýmynlaryň hukuklaryny goraýan kanun kabul etmekçi.



Sebäbi orangutanlar, bonobo, gorilla we şimpanze ýaly maýmynlar ynsanlara ýakyn birnäçe häsiýeti özünde jemleýär. Bu kanun kabul edilse, Ispaniýa maýmynlar üçin ýörite kanun kabul eden ilkinji ýurt bolar.

**Kit kenara zyňlyp çykdy.** Täze Zelandiýada kitleriň iň seýrek görnüşi bolan günorta amerikan remnezuby hasaplanýan kitiň läşi zyňlyp kenara çykdy. Onuň uzynlygy, takmynan, 5 metr. Hünärmenler kiti reňkinden, kellesiniň şekilinden, burnundan we dişlerinden tanap kesgitlediler.



# Dalaşgärligini Harrise berdi

ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden Prezident wezipesine gaýtadan saýlanmak isleginden ýüz öwrenden soň, 25-nji iýulda ilkinji gezek halka ýüzlenip çykyş etdi. ABŞ-nyň Lideri Ak Tamda eden çykyşynda noýabr aýynda boljak saýlawlardan öz dalaşgärligini aýyrýandygy baradaky taryhy kararyny mälim etdi.



– Häzir Amerika üçin taryhdaky seýrek pursatlaryň biri – özgerişlik pursady gelip ýetdi, şoňa görä-de, biziň kabul edýän kararlarymyz geljek onýyllyklaryň dowamynda ýurdumyzyň we dünýäniň ykbalyny çözmelidir – diýip, Baýden belledi.

– Men wezipäme hormat goýýaryn, ýöne öz ýurdumy has-da gowy görýärin. Milletimizi jebisleşdirmegiň iň gowy usuly, gezegi ýaş nesle geçirmekdir – diýip, Baýden belledi. Baýden özüniň demokratiýany goramak ugrundaky göreşini dowam etdirjekdigini sözüniň üstüne goşdy.

– Meniň ýolbaşçylygym, Amerikanyň geljegine bolan garaýşym ikinji möhlete mynasypdyr, ýöne demokratiýamyzyň dabaralanmagyny hiç zat, şol sanda, şahsy isleglerimiz hem bökdäp bilmez – diýip, Prezident Jozef Baýden belledi.

Şeýle hem Baýden halka ýüzlenmesinde Demokratik partiýadan özüne mirasdüşer hökmünde saýlan wise-prezident Kamala Harrisi «başarnykly, güýçli» we «ýurduň lideri» diýip atlandyrdy.

# MALAÝZIÝANYŇ TÄZE PATYŞASY

20-nji iýulda Soltan Ybraýym Ysmaýyl Kuala-Lumpurdaky Milli köşkde geçirilen dabarada resmi taýdan Malaýziýanyň täze Patyşasy boldy.



Dabara ýurduň Premýer-ministri Anwar Ybraýym, Ministrler Kabinetiniň agzalary, şeýle hem Bruneýiň Soltany Hasanal Bolkiah we Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa ýaly daşary ýurtlardan gelen ýokary derejeli myhmanlar gatnaşdy. Ýurduň Premýer-ministri Anwar Ybraýym Malaýziýanyň halkynyň adyndan Patyşany gutlady, iň ýokary hökümdaryň halkyň agzybirliginiň we gülläp ösmeginiň nyşanydygyny belledi.

Malaýziýanyň 17-nji Patyşasy Ybraýym Ysmaýyl geçen ýylyň 27-nji oktýabrynda bu wezipä saýlanyp, şu ýylyň başynda tagta çykypdy. Ýurduň ýokary ýolbaşçysy, esasan, wekilçilikli wezipeleri ýerine ýetirýär. Konstitusiýa laýyklykda, hökümetiň islendik karary onuň adyndan we razylygy bilen kabul edilýär, ýöne iş ýüzünde monarh hökümetiň ýa-da mejlisiň tekliplerine esaslanyp, karar kabul edýär.

Ýurtda mirasdüşer soltanlaryň döwlet Baştutany wezipesine geçmeginiň özboluşly ulgamy bar. Ol öz orunbasary (wezir) bilen bilelikde ikinji möhlete gaýtadan saýlanmak hukugy bolmazdan bäş ýyllyk möhlete saýlanýar. Dalaşgär 1957-nji ýylda, Patyşa wezipesi döredilende düzülen sanaw boýunça kesgitlenýär. 1958-nji ýylda doglan Ybraýym Ysmaýyl bu wezipä gelmezden öň Johor ştatynyň häkimidi.

# Fon der Lýaýen ikinji möhlete saýlandy

Ýewropa Parlamenti Strasburgda geçirilen umumy mejlisde Ursula fon der Lýaýeni ikinji bäş ýyllyk möhlet bilen Ýewropa Komissiýasynyň başlygy wezipesine gaýtadan saýlady. Ses berişlikde Ýewropa Parlamentiniň 720 agzasynyň 401-i fon der Lýaýeniň dalaşgärligine ses berdi. 284 deputat garşy çykdy. Fon der Lýaýen 2019-njy ýylyň dekabryndan bäri Ýewropa Komissiýasyna ýolbaşçylyk edip gelýär.

Ses berişlikden soňra, fon der Lýaýen Ýewropa Parlamentinde çykyş edip, geljek bäş ýyl üçin öz işiniň ileri tutulýan ugurlaryny beýan etdi. Ol 2050-nji ýyla çenli Ýewropany klimatyň bitarap yklymyna öwürmek üçin niýetlenen ilkinji möhletiniň esasy maksatnamasy bolan «Ýewropa üçin ýaşyl şertnamany» durmuşa geçirmegi dowam etdirjekdigini aýtdy. Ýewropa Komissiýasynyň başlygy 2040-njy ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary 90 göterime çenli azaltmagy wada berdi hem-de infrastruktura we senagata, esasan hem, energiýany kön harç edýän pudaklara ep-esli maýa goýumlarynyň goýberiljekdigini belledi.

– Bu ýagdaý arassa polatdan başlap, arassa tehnologiýa çenli hemme zatda öňdebaryjy bazarlary döretmäge kömek eder – diýip, fon der Lýaýen aýtdy. Onuň howa baradaky borçnamalary, «ýaşyl» fraksiýanyň wekilleriniň aýgytly goldawyna eýe boldy. Mundan başga-da, Ursula fon der Lýaýen howpsuzlyga we goranyşa maýa goýmagyň zerurdygyny öňe sürdi.

– Biziň goranyş ulgamyna çykdajylarymyz juda az. Munuň tersine daşary syýasata çykdajylarymyz juda ýokary. Şonuň üçin biz ýeke-täk goranyş bazaryny döretmeli. Biz ýokary tehnologiýaly goranyş mümkinçiliklerine has köp maýa goýmalydyrys – diýip, ol belledi.



Ýakyn günlerde Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlaryna resmi hatlar iberip, olary Ýewropa Komissarlarynyň wezipelerine dalaşgärlerini hödürlemäge çagyrar. Ýewropa Komissiýasynyň täze düzümi döredilenden soň, güýzde dalaşgärler barada diňlenişikler we olaryň tassyklanmagyna ses berişlik geçiriler. Dalaşgärler makullansa Ýewropanyň 27 komissary wezipesine girişer.



# Migrasiýa ilatyň köpelmeginiň esasy hereketlendirijisi

**Birleşen Milletler Guramasy 2100-nji ýyla çenli çaga doglușynyň derejesi pes we garrylygyň derejesi ýokary bolan ýurtlarda migrasiýanyň «özgerişligiň esasy hereketlendiriji güýji» hem-de demografik dinamika boljakdygyny öňe sürýär.**

**BMG-niň ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamenti tarapyndan taýýarlanan «Dünýäniň demografik geljegi – 2024» atly hasabatda «2054-nji ýyla çenli halkara migrasiýasy 52 ýurtda ilatyň köpelmeginiň esasy hereketlendirijisi bolar we bu san 2100-nji ýyla çenli 62 ýurda ýeter» diýlip bellenilýär.**

**«Halkara migrasiýasy biziň dünýämizi emele getirýän esasy demografik meýilleriň biridir. Eger-de biz kynçylyklary ýeňip geçip, mümkinçiliklerden peýdalansak, inklýuziw we durnukly ösüşi gazanmak üçin tagallalarymyzy çaltlandyryp bileris» diýlip, BMG-niň hasabatynda tassyklanýar.**

**Hasabatda Awstraliýa, Kanada we ABŞ ýaly çaga doglușynyň has pes derejesi bolan ýurtlarda migrasiýanyň ilatyň köpelmegine sebäp boljakdygy bellenilýär. BMG-niň geçiren barlaglaryna görä, mysal üçin, ABŞ-da 2054-nji we 2100-nji ýyllarda ilat «migrasiýa hasaba alynmazdan», degişlilikde, 13 göterim we 36 göterim pes bolar.**

**Migrasiýa ölüm derejesini peseltmekden başga-da, dogluş derejesiniň «ýerini dolmaga kömek eder» hem-de Daniýa, Finlýandiýa, Islandiýa, Irlandiýa, Niderlandlar, Norwegiýa we Şweýsariýa ýaly ýurtlarda ilatyň köpelmegine mümkinçilik döreder.**

# LITIÝ ÜPJÜNÇILIGI BOÝUNÇA ŞERTNAMA BAGLAŞYLDY

**Serbiýanyň hökümeti we Ýewropa Bileleşigi akkumulýatorlar üçin materiallar bilen üpjün etmek barada şertnama baglaşdy. Belgradda geçirilen strategiki çig mallar boýunça sammitiň çäginde Serbiýanyň magdan senagaty we energetika ministri Dubrawka Jedowiç-Handanowiçiň we Ýewropa Komissiýasynyň başlygynyň orunbasary Maroş Şefçowiçiň arasynda özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekildi. Jemleýji resminamanyň gol çekilmegine gatnaşan Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols:**

– Bu şertnamanyň baglaşylmagy Ýewropanyň garaşsyzlygyny goramaga, batareýalaryň we elektroulaglaryň önümçiligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döreder – diýip belledi.

Şu ýylyň iýul aýynyň başynda Serbiýanyň konstitusiýa kazyýeti Ýewropanyň iň uly litiý ýatagy bolan günbatar Ýadar jülgesinde 2,4 milliard dollarlyk magdan taslamasyny togtatmak baradaky karary ýatyrdy. Çünki 2021-nji ýylda Ýadarda magdan känini özleşdirmek meýilnamasy Belgradda uly ekologiýa nägileligini döredipdi.

Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç «Handelsblatt» gazetine beren interwýusynda Belgradyň Germaniýa we Ýewropa Bileleşigi



bilen bilelikde Ýewropanyň iň uly litiý ýatagyny özleşdirjekdigini aýtdy. Ol bu taslama bilen Serbiýanyň ykdysadyýetini ösdürmek we ýurduň Ýewropa Bileleşigine goşulyşmagyny çaltlandyrmak baradaky uly umytlary baglanyşdyrdy.

– Biz her ýylda 58 müň tonna litiý öndürip bileris. Bu 1,1 million elektroulagy öndürmek üçin ýeterlikdir. Şeýlelikde, Ýewropa bazarynyň, takmynan, 17 göterimini üpjün edip bileris – diýip, Aleksandr Wuçiç belledi. Ol elektroulag batareýalarynyň önümçiligini ýola goýmagy we litiniň diňe belli bir bölegini çig mal görnüşinde eksport etmegi meýilleşdirýändigini aýtdy.

Ýewropa Komissiýasynyň başlygynyň orunbasary Maroş Şefçowiç öz gezeginde:

– Serbiýanyň litiý gazyp almakdan başlap, elektroulag önümçiligine çenli doly üpjünçilik zynjyry bolan Ýewropa Bileleşigine agza ilkinji ýurt bolup biler – diýip belledi. Häzirki wagtda Hytaý Ýewropa Bileleşiginiň litiý üpjünçiligi bazarynda aýratyn orun eýeleýär.

*Litiý-ion batareýalaryna isleg artýar*

Ýeňil metal bolan litiý – elektroulaglaryň batareýalaryny öndürmek üçin esasy komponentdir. Şonuň üçin soňky ýyllarda dünýä jemgyýetçiliginiň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine geçiş depginini iki esse artdyrmagy sebäpli oňa bolan isleg has-da artdy. Hünärmenler 2030-njy ýyla çenli täze awtoulag satuwynyň 60 göteriminiň litiý-ion batareýaly boljakdygyny çaklaýarlar. Mysal üçin, «Tesla Model S» ulagynyň batareýasyny öndürmek üçin, takmynan, 12 kilogram litiý gerek. Häzirki wagtda awtoulag öndürijiler Gündogar Aziýadan litiý üpjün edijilerine garaşly. Hytaý bu sanawda, elektroulaglaryň global batareýa üpjünçilik zynjyrynda aýratyn orun eýeleýär. Häzir dünýädäki litiý-ion batareýasynyň önümçiliginiň 79 göterimi Hytaýyň paýyna düşýär.

Häzirki wagtda Beýik Britaniýada gurulýan litini gaýtadan işleýän zawod 2027-nji ýylda işe giriziler we ýylda 50 müň tonna litiý öndürmegine garaşylýar. Maglumatlara görä, litini gaýtadan işleýän zawod 1 million elektroulagy batareýa bilen üpjün eder. Beýik Britaniýada gurulýan bu desga Ýewropada litini gaýtadan işleýän ilkinji zawoddyr. Ozal habar berlişi ýaly, Beýik Britaniýanyň hökümeti «Green Lithium»-a Tissaý şäherinde litini gaýtadan işleýän zawody gurmaga rugsat berdi. Bu zawodyň britan we Ýewropa awtoulag öndürijileriniň isleglerini kanagatlandyrjakdygy habar berilýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1745-nji ýylyň 26-njy iýulynda Angliýanyň Gilford şäheriniň golaýynda Bramli hem-de Hambldon obalarynyň gyzlarynyň arasynda ilkinji gezek kriket ýaryşy geçirilýär. Duşuşyga her tarapdan 11 oýunçy gatnaşyp, gyzlaryň ählisi ak köýnek geýipdir, bramliler kellelerine gök, hambldonlylar bolsa, gyzyl lenta dakypdyrlar. Mundan başga-da, oýunda gyzlaryň topy has dürs urmagy we olaryň çalasyndan çeýe hereketleri köpleriň ünsüni özüne çekipdir.**



# Iň güýçli deňiz ýel turbinasy

Hytaýyň «Dongfang Electric Corporation» kompaniýasy kuwwatlylygy 18 MW/t deň bolan dünýäniň iň beýik deňiz kenaryndaky ýel turbinasynyň gurluşygynyň tamamlanandygyny mälim etdi. Täze gurnama ýylda 72 GWt/s arassa energiýa öndürip biler, bu bolsa Hytaýyň gündogar kenarlarynda energiýa balansyny üpjün etmäge kömek eder.

Hytaý 2060-njy ýyldan soň ýel energiýasyny uglerodsyz energiýa üpjünçiliginiň esasy hökmünde görýär. Geçen ýyldan bäri ýurtda bir günde 16 MW/t kuwwatly ýel turbinalaryny gurmak tehnologiýasy işlenip düzüldi. Bu bolsa olary oturtmak işlerini ep-esli çaltlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Golaýda gurlan 18 MW/t ýel turbinasynyň diametri 260 metr bolan peri bolup, bu ýedi adaty futbol meýdançasyndan hem uludyr.



Periň meýdany näçe uly bolsa, edilen çykdajyny çalt ödäp, köp energiýa öndürýär. Geljekde Eýfel diňinden has beýik we diametri 310 metr bolan perli 22 MW/t kuwwatly ýel turbinasyny gurmak meýilleşdirilýär. Hytaý özüniň ägirt uly daşky gurşaw maksatlaryna ýetmäge tagalla edip, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmekde möhüm öňegidişlikleri dowam etdirýär.

# Balerina meňzeş gökdirän gurlar

**Albaniýanyň paýtagty Tiranada «Bond Tower» atly özboluşly binany gurmak meýilleşdirilýär. Portugaliýanyň OODA studiýasy tarapyndan işlenip taýýarlanan bu bina balet tansynyň hereketini ýada salýan üýtgeşik görnüşe eýe bolar. «Bond Tower»-iň daşky görnüşi bir gurluşa birigýän iki diňden ybarat. 50 gatly bolmagyna garaşylýan toplumyň takyk beýikligi entek kesgitlenmedi.**

**Taslama düzülende adaty alban halylaryndan, şeýle hem ýurduň daglaryndan we obalaryndan ylham alnypdyr. Binanyň nagyşly fasady, toplumlaýyn ýaşyl giňişlikleri we üçekdäki eýwany binagärlik bilen tebigatyň sazlaşykly utgaşmasyny döreder. Aşaky gatlarda söwda merkezleri we ofis üçin otaglar, olardan ýokarda bolsa myhmanhana bolar. Ýokarky gatlar balkonly öýler üçin niýetlenen. Özboluşly dizaýny bolany üçin, «Bond Tower» haýbatly ululygyna garamazdan kaşaň görünýär. Häzirki wagtda binanyň gurluşygyna başlandy, ýöne onuň tamamlanjak senesi belli edilmedi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GÖWHERDEN GURLAN JAÝLAR

Dünýäde gurluşyk üçin dürli materiallardan peýdalanylýar. Köplenç gurluşyk ediljek ýerdäki materiallardan peýdalanylýan bolsa, käbir gurluşyk materiallary has alys ýurtlardan getirilýär. Polat, agaç, dürli ösümlikler, daş, toprak, çäge we beýlekiler ýaşaýyş jaýlarynyň, köprüleriň we beýleki desgalaryň gurluşygynda irki döwürlerden bäri peýdalanylýar.

Germaniýanyň taryhy we medeni gymmatlygy bilen tanalýan şäherçeleriniň birindäki jaýlarda bolsa, iň gymmat bahaly daşlaryň biri hasaplanýan göwher bölejikleri ulanylypdyr. Bawariýanyň Nördlingen şäherçesindäki jaýlar guşuçar belentlikden seredilende äpet tegelek oýuň içinde ýerleşýär. Şäherçäniň köçeleri hem aýlawly bolup, uly halkanyň içinde ýerleşýär. Emma ýylda müňlerçe syýahatçynyň bu ýere gelmekleriniň sebäbi köçeleriň aýlawly bolmagy däl. Syýahatçylary bu şäherçä çekýän esasy zatlaryň biri bu ýerdäki jaýlaryň diwarlarynda müňlerçe tonna örän ownuk göwher bölejikleriniň bolmagydyr. Jaýlaryň diwarlaryndaky göwher zerrejikler bolsa, 15 million ýyl çemesi ozal Ýere gelip uran asteroidiň gurluşyk materialy hökmünde ulanylmagy bilen bagly. Has gadymy taryhy bolan şäher hem şol äpet asteroidiň emele getiren jülgesiniň içinde gurlupdyr. Bu açyşy 1960-njy ýyllarda bu ýere gelen geologlar – amerikaly Ýujin Şumeýker hem-de hytaýly Eduard Çao edipdir. Asman jisiminiň gaçmagy netijesinde emele gelen, giňligi 26 kilometre barabar bolan uly oý Nördlingen Ris diýlip atlandyrylýar.

Ýujin Şumeýkeriň açyşyndan öň, jülgäniň wulkanyň atylmagy netijesinde emele gelendigi çaklanylýardy. Alym bu ýerdäki minerallaryň aşa ýokary basyşda we gyzgyn temperaturada bolup biljekdigini subut etdi. Nördlingen Ris Ýer ýüzünde asteroidiň urmagy netijesinde emele gelip, alamatlary iň gowy saklanyp galan oýlaryň biri hasaplanýar.



Bilermenler bu jülgäniň jümmüşindäki şäherçede köçeleriň halka şeklinde bolmagynyň tötänleýindigini, asteroidiň gaçmagy bilen bagly däldigini belleýärler. Şeýle-de bolsa, tegelek köçeler şäherçäni ertekilerdäki ýaly edip görkezýär. Halkalaýyn köçeleriň kaşaňlygy nazara alnyp, bu ilatly ýerde 1971-nji ýylda «Willi Wonka we şokolad fabrigi» filmi surata düşürilipdir.

Şäherçäniň ýaşaýjylary ir döwürlerde hem Nördlingen Ris jülgesiniň wulkanyň atylmagy netijesinde emele gelendigini çaklaýan ekenler. Şumeýker we Çao öz geçiren barlaglarynyň netijesinde, bu krateriň asteroidiň gelip urmagy bilen emele gelendigini ýüze çykarypdyrlar. Şäherdäki binalaryň diwaryndaky ownujak göwher bölejiklerini görenlerinde bolsa nazaryýetleriniň hakykatdan hem dogrudygyna magat göz ýetiripdirler.

Alymlar 15 million ýyla golaý ozal, sekuntda 25 kilometr tizlik bilen hereket edýän, diametri 1 kilometr töweregi bolan daşyň zarp bilen Ýere urandygyny öňe sürýärler. Netijede, Nördlingen Ris krateri emele gelýär. Aşa ýokary basyş hem-de gyzgynlyk bolsa, asteroidiň düzümindäki uglerody göwhere öwürýär. Jülgäniň käbir ýerinde asteroid bölekleri häzirki wagta çenli saklanyp galypdyr.

Nördlingen Ris jülgesindäki krater muzeýiniň müdiri, geolog Stefan Hölsl dünýäde asteroid galyndylarynyň gurluşyk materialy hökmünde binalarda ulanylan ýerleriň bardygyny, emma şeýle köp mukdarda ulanylan ýeriniň ýokdugyny belleýär. Onuň sözlerine görä, şäherçe tutuşlygyna asteroidiň galyndylaryndan gurlupdyr. Şäherçedäki ybadathanada jemi 5 müň karatlyk gymmaty bolan göwheriň bardygy çaklanylýar.

Hölsl NASA-nyň «Apollo 14» hem-de «Apollo 16» uçuşlaryna gatnaşan astronawtlaryň Aýyň ýüzünde duş gelip biljek daş bölejikleri barada maglumat almak üçin bu şäherçä gelendiklerini belleýär.

Nördlingenlileriň bu göwher bölejikleri sebäpli baýap bilmejekdikleri bellenilýär. Sebäbi, şäherçäniň binalary diwaryndaky göwher zerrejikleri sebäpli ýalpyldap görünýän hem bolsa, olaryň ykdysady gymmaty ýok.



# UMMANLARYŇ HALASGÄRI

**Ýer ýüzünde her sebitiň başgaça tebigaty – howasy, ösümlik we haýwanat dünýäsi bar. Edil gury ýerde bolşy ýaly deňizleriň düýbünde hem baý ekoulgam bolup, suwasty tebigat hem geografik ýerleşişine görä üýtgeýär. Ummanlaryň aşagynda hem jandarlaryň we ösümlikleriň az gabat gelýän «çöllük» ýerleriň bolşy ýaly, «gür tokaýly» ýerleri hem bar. Merjen rifleri suwuň düýbündäki iň baý tebigatly ýerler hasaplanýar. Riflerde dürli ösümlikler, suwotular bolup, ýüzlerçe jandary özüne çekýär. Bu janly organizmler deňiz jandarlarynyň iýmitlenmegi, aw etmegi, goranmagy, ýaşamagy we köpelmegi üçin amatly şertleri hödürleýär. Merjen rifleri deňiz biodürlüligini saklamaga we goramaga hem ýardam edýär. Şol sebäpli olary gorap saklamak, ýok bolan ýerlerini dikeltmek we ýaýrawyny giňeltmek üçin dürli ylmy işler edilýär. Merjenleriň duş gelýän ýerine görä, dürli görnüşleri bolýar. Bu jandarlaryň ýaşaýan ýerleri bolan rifler deňiz suwunyň näderejede arassadygyndan hem habar berýär. Eger rifleriň reňki agaryp, solup başlan bolsa, ol ýerdäki suwuň hapalanandygyny ýa-da suwuň aşa köp gyzandygyny aňladýar. Biwagt aw etmek, howanyň adatdakydan ýokary maýlamagy we adam tarapyndan hapalanmagy merjen riflerine zeper ýetirip bilýär. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak we zeper ýeten ýerleri dikeltmek üçin dünýäde birnäçe taslama durmuşa geçirilýär. Olaryň iň esasysy bolsa, «merjen şitilhanalarydyr».**

**Merjen rifleri biri-birine bagly millionlarça ownuk janly organizmden emele gelýär. Merjen rifleri uzak ýyllaryň dowamynda köpelip, meýdanyny giňeldýär. Merjenler gijelerine mikroskobik ölçegdäki planktonlar we beýleki kiçi balyklar bilen iýmitlenýärler.**

**Merjen rifleri baý ekoulgamy emele getirip, köp jandar üçin iýmit çeşmesi hasaplanýar. Bu ýerlerde örän kiçi jandarlar bilen bir hatarda ummanlaryň iň wagşy jandarlary hem duş gelýär.**

**Köplenç Gün şöhlesiniň ýetýän çuňlugyndaky saý suwlarda gabat gelýän merjen riflerindäki suwotular fotosintez arkaly merjenleri energiýa bilen üpjün edýär.**

**Merjen rifleri kenarýakalary güýçli deňiz tolkunlarynyň täsirinden goraýar, balykçylyk pudagynyň ösmegine ýardam edýär we suwasty syýahatçylygy üçin şert döredýär.**

**Merjen rifleriniň ýaýrawyny giňeltmek üçin olar emeli usulda köpeldilýär. Soňra bolsa, tebigy ýaşaýan ýerlerine göçürilýär. Munuň üçin merjen rifiniň kiçijik bölejikleri alynýar. Bu bölejikler «şitilhanalarda» ulaldylýar. Ýeterlik derejede ulalandan soňra tebigy merjen riflerine göçürilýär. Häzire çenli merjen rifleriniň çägini giňeltmekde taýýarlanan taslamalaryň arasynda bu usulyň has gowy netije berendigi bellenilýär.**

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY METEORIDI

Beýleki planetalardan tapawutlylykda Ýeriň aýratyn atmosferasy bolup, üstünde ýaşaýyş bar. Atmosfera gatlagy Ýeri kosmos giňişliginde gaýyp ýören ululy-kiçili daşlardan goraýar. Ýer ýüzünde 100 kilometr çemesi beýiklikde başlaýan atmosfera haýsydyr bir jisim gelip uranda, kislorod bilen galtaşyp, ýanyp başlaýar we pytraýar. Ýeriň ýüzüne çenli gelip ýetýänçä bolsa, ýanyp, bugaryp ýok bolýar. Bu bolsa, ähli janly-jandarlary, ösümlikleri, umuman Ýerdäki ýaşaýşy goraýar. Şeýle-de bolsa, seýrek ýagdaýda Ýeriň atmosferasyna giren daşlar dolulygyna ýanyp gutarman, onuň kiçiräk bölekleri ýere gelip ýetýär.

Atmosfera girenden soňra ýanyp, ýok bolýan daşa meteor, ýere gelip ýetýänlere meteorit diýilýär. Kosmos giňişliginde gaýyp ýören has uly daşlara bolsa asteroid diýilýär. Dünýäde häzire çenli onlarça meteorit gaçyp, olaryň käbiri muzeýlerde ýa-da başga bir ýapyk binada saklanýan bolsa, käsi gaçan ýerinde dur. Ýere gaçan iň uly meteorit Namibiýanyň demirgazygyndaky Hrutfonteýn etrabynyň golaýyndaky Hoba diýen ýerdäki äpet daş hasaplanýar. Ýer ýüzündäki iň uly bitewi asman jisimi hasaplanýan Hoba meteoridini görmäge barýan syýahatçylar hem az däl. Bu daş has irki döwürlerde Ýere gaçypdyr. Geçirilen barlaglarda asman jisiminiň 80 müň ýyl ozal Ýere gaçandygy anyklandy. Ony 1920-nji ýyllarda bir daýhan ýerini sürýän wagty tapypdyr. Oňa ýerli dilde «hopa», ýagny «men tapdym» diýen at goýulýar. Nemes alymlarynyň geçiren barlagynda onuň asman jisimidigi anyklanýar. Şondan soňra ol gorag astyna alynýar. Emma agramy 60 tonna golaý bolan daşy ýerinden gozgamak başartmaýar. Şol sebäpli onuň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylyp, myhmanlaryň gelip görmekleri üçin şert döredilýär. Asman jisiminiň ýanynda goýlan maglumat tagtajygynda onuň düzüminiň 82,4 göteriminiň demir, 16,4 göteriminiň nikel, 0,76 göteriminiň kobalt elementinden emele gelendigi ýazylypdyr.



Diametri 3 metr töweregi bolan ýasy daşyň galyňlygy 1 metre barabar. Bilermenler daşyň Ýeriň atmosferasyna keseligine – suwuň ýüzünde bökýän daşlar ýaly bolup girendigi sebäpli ýanmandygyny çaklaýarlar.

Ýeri gelende bellesek, 1998-nji ýylyň 20-nji iýunynda ýurdumyzyň Köneürgenç şäheriniň 7 kilometr günortasyna daş gaçdy. Meteoritiň gaçan ýerinde diametri 6 metr çuňlukda, 3,5 metre barabar çukur emele geldi. Bu Türkmenistana gaçan meteoritleriň iň ulusy bolup, şol wagtky agramy 1 tonnadan gowrakdy. Daşyň 820 kilograma barabar bolan iň uly bölegi häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde saklanýar.

## ÇAGALAR

**Rubigiň kubjagazyny çözmekdäki rekord amerikaly Maks Parka degişli bolup, ol bu tapmaçany 3,13 sekuntda çözdi.**

# Hemmeleriň arzyly oýunjagy





**Wenger matematigi Erno Rubigiň 1974-nji ýylda oýlap tapan tapmaça oýnawajy dünýäde hiç haçan ähmiýetini ýitirmeýän güýmenjä öwrüldi. Bu oýnawajy gören uludan-kiçä hemmeler zehinini barlamak üçin ony biygtyýar eline alýar. Häzire çenli bu oýunjakdan 450 milliondan gowragynyň satylandygy bellenilýär.**

**Oýunjak ilkibaşda okuw esbaby hökmünde oýlanyp tapylypdyr. Professor Rubik talyplaryna üç ölçegli jisimleri düşündirmek üçin her tarapyndan 9 kwadrat bolan we her bölegi aýratynlykda hereket edip bilýän bu oýunjagy oýlap tapýar. Kubjagazyň ilkinji görnüşleri 27 sany dürli agaçlardan ybarat bolupdyr. Soňra bolsa 54 öýjükli – merkezinde 6 sany 1 reňkli, gapdalynda 12 sany 2 reňkli we çüňkünde 8 sany 3 reňkli öýjük bolupdyr. Rubigiň tapmaçasyny ilkinjileriň hatarynda öz talyplary çözüpdirler. 1975-nji ýylda Rubik öz öndüren önüminiň patentini alýar. 1978-nji ýylda bolsa Täze ýyl baýramçylygy mynasybetli «Jadyly kubik» ady bilen ilkinji ýasan kubiklerini oýnawaç hökmünde çagalara hödürleýär. 1980-nji ýylda oýnawaç kompaniýalarynyň biri bu oýunjagy öndürip satmak hukugyny satyn alýar. Şondan soň bu oýnawaçlar dünýäniň dürli ýerlerinde satylyp başlanýar. «Rubigiň kubjagazyna» başgaça «jadyjy kubjagaz» hem diýilýär. 1980-nji ýyllarda meşhurlygy dünýä ýaýran tapmaçany çözmek üçin dürli usullar gözlenip başlanýar. Internetiň ýaýramagy bilen bu kubjagyzy çözmegiň dürli usullary köpçülige görkezilýär. Şeýlelikde, kubjagazyň has çylşyrymly görnüşleri peýda bolýar.**

**Erno Rubik bu oýnawaç barada adamlaryň bilesigelijiligini, oýun oýnamak islegini we mesele çözmek ukybyny birleşdirýändigini belleýär.**

**KIM ÇALT ÇÖZMEŞEK!**

**◆ Birnäçe ýyldan bäri Rubigiň kubjagazyny çalt çözmek ýaryşlary geçirilýär. Şeýle hem bu ugurda rekordlar hasaba alynýar. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde Rubigiň kubjagazyny çözýän robotlar hem işlenip taýýarlandy. Golaýda Ýaponiýada işlenip taýýarlanan bir robot Rubigiň kubjagazyny 30 millisekuntda çözdi. Bu wagt bölegi göz açyp-ýumasy salyma barabardyr. Ýagny ýanynda duran bolsaň hem robotyň kubjagazy düzüşine örän ünsli syn etmeseň, haçan, nädip çözenini hem duýman galýarsyň. Bilermenler robotyň kubjagazy has gysga wagtda hem çözüp biljekdigini, emma şeýle edilende oýunjagyň döwüljekdigini aýdýarlar.**

**Rubigiň kubjagazyny çözmekde adamlaryň arasyndaky rekord amerikaly Maks Parka degişli. Ol bu tapmaçany 3,13 sekuntda çözdi. Bu rekordy täzelemek aňsat bolmasa-da, robotyň tizligi bilen deňeşdirilende örän «haýal».**

**Robotlaryň bu ugurdaky rekordy gysga wagtda uly ösüş gazandy. 2009-njy ýylda bir robot Rubigiň kubjagazyny 1 minut 4 sekuntda çözüp rekord goýupdy. Indi bolsa bu görkeziji ýarym sekunda düşdi.**

# PIŞIK ÝALY PANDAJYK





**Tebigy şertlerde ýaşaýan uly pandalar diňe Hytaýda duş gelýär. Bu pandalar aýynyň bir görnüşi hasaplanýar. Adaty pandalaryň ýaşaýan tebigatynda gyzyl panda atly ýene bir jandar ýaşaýar. Iki görnüşi bolan gyzyl panda hem ala reňkli bolup, tilkä meňzeýär. Pişikler ýaly bedenini ýalap arassalaýandygy üçin bu jandarlara «pişik pandasy» hem diýilýär. Gimalaý daglarynyň gündogar eteklerindäki tokaýlarda ýaşaýan gyzyl pandalar deňiz derejesinden has beýikdäki bambuk tokaýlarynda mesgen tutunypdyrlar. Bu jandary ilkinji gezek 1825-nji ýylda fransuz zoology Frederik Kýuwýe anyklaýar. Ol bu jandara iň owadan jandar diýip baha berýär. Şol sebäpli alym oňa latynça «ot reňkli» ýa-da «ýalpyldaýan pişik» manysyny berýän «Ailurus fulgens» diýip at dakýar.**

**Aslynda ala reňkli adaty uly pandalar gyzyl pandalardan has giç anyklanýar. Şeýle bolansoň, ilki gyzyl panda at dakylýar. Soňra gyzyl panda meňzeşdigi sebäpli ala panda at berilýär. Gyzyl pandalaryň ululygy adaty pişik ýalyrak bolýar. Bedeniniň uzynlygy 65 santimetr, guýrugy 60 santimetr çemesi bolýar. Agramy 6 kilogram töweregi bolýan pandalar ortaça 23 ýyl ýaşaýar. Gyzyl pandalaryň possunynda ak reňkli özboluşly nagyşlary bolýar. Gür tüýli guýrugynda bolsa alty öwüşginli reňk bolýar. Bu bolsa, olaryň agaç şahalarynyň arasynda görünmezligini üpjün edýär. Galyň tüýi bedeniniň ähli ýerini, şol sanda penjelerini hem örtýär. Bu bolsa, gyşyň gazaply sowugyndan goraýar.**

**Gyzyl pandalaryň penjesiniň sähel ýokarsynda «goşmaça» penjesi hem bar. Bu penje arkaly panda agaç şahalaryna mäkäm ýapyşýar. Şeýlelikde, bu jandar agaçdan aşaklygyna düşüp bilýän az sanly haýwanyň biridir.**

**Uly we gyzyl pandalaryň iki görnüşi hem Hytaýda ýaşap, bambuk bilen iýmitlenýän hem bolsa, zoologiýa taýdan olar bir maşgala degişli hasaplanmaýar. Uly pandalar aýylar bilen, gyzyl pandalar bolsa, ýenotlar bilen urugdaş hasaplanýar.**

**2020-nji ýylda hytaý gyzyl pandasy bilen Gimalaý gyzyl pandasynyň başga görnüşlerdigi ýüze çykaryldy. Olaryň derisindäki nagyşlaryň başgaçadygy sebäpli bilermenler köp wagtdan bäri olaryň görnüşleriniň hem aýrybaşga bolup biljekdigini çaklaýardylar. Has kiçi bolan gyzyl pandalar Hytaýyň, Hindistanyň, Mýanmanyň we Nepalyň daglaryndaky tokaýlarda ýaşaýarlar. Ýer ýüzünde janly tebigatda 10 müň töweregi gyzyl pandanyň bardygy bellenilýär. Bu pandalaryň iki görnüşiniň hem sanynyň köpeldilmegi üçin tagalla edilýär.**

# DAŞA SURAT ÇEKMEK

Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde köpimiz deňiz kenaryna, dag eteklerine ýa-da tebigatyň jümmüşine gezelenje gidýäris. Gezen ýerlerimizde tebigatyň gözelliklerine, okuw wagtynda görüp bilmeýän zatlarymyza duşýarys. Köplenç deňiz kenarlarynda daşy ýylmanak dürli şekilli daşlar ýa-da balykgulaklar duş gelýär. Eýsem, daşlara surat çekip ýa-da olary reňkläp öz eseriňizi döredip biljekdigiňiz barada pikir edip gördüňizmi?!

Daşa surat çekmek çotga we reňk bilen ýerine ýetirilýär. Emma şekillendiriş sungaty dersindäkiden tapawutlylykda kagyzy däl-de, daşyň ýüzüni reňklemeli bolýar. Haýsy daşa nähili surat çekjekdigiňiz öz islegiňize bagly. Häzirki wagtda daşlary reňklemek köp ýerde sungat derejesine ýetip, diňe şonuň bilen meşgullanýanlar hem bar. Çagyla surat çekmek üçin dürli ýogynlykdaky çotgalary saýlap almaly. Ýüzi ýalpyldawuk däl-de, solak reňkli daşa reňk has gowy düşýär. Surat çekmezden ozal daşy mazaly ýuwup, arassalamaly, soňra guratmaly. Reňklemäge başlamazdan ozal gara galam bilen şekiliň daşyny çyzmaly. Soňra bolsa, halan reňkiňiz bilen reňklemeli. Ak, ýasy we ulurak daşlary has gowy reňkläp bolýandygyny unutmaň!



Daşyň şekiline görä, ony haýwanlara ýa-da miwedir bakja ekinine-de meňzedip bilersiňiz.

Balykgulaklar hem reňklemek üçin amatly tebigy önüm hasaplanýar.

Gyzykly pursat



7 tapawudy tapyň!



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



# 76-njy «Emmy» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi




Telewideniýe dünýäsiniň iň abraýly baýraklaryndan bolan «Primetime Emmy» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Telewideniýe akademiýasy (ATAS) tarapyndan yglan edilen 76-njy «Primetime Emmy» baýraklarynda FX-iň önümi bolan «Shogun» teleserialy 25 ugurdan dalaşgär görkezildi. FX-iň başga bir ekran eseri «The Bear» bolsa 23 ugurda dalaşgär diýlip bellendi. Bu serialyň bir möwsümde 23 ugurdan dalaşgär görkezilmegi «Emmy» baýraklarynyň komediýa ugry boýunça rekorda deň boldy. Umumylykda «Netflix»-iň önümleri 107 ugur boýunça «Emmy» baýraklarynyň dalaşgärligine hödürlendi.

Kömleriň söýgüsini gazanan gara komediýa serialy «The Curse» ýeke ugurdanam dalaşgär görkezilmedi. «Only Murders in the Building» serialyndaky keşbi üçin komediýa seriallarynda iň gowy aktrisa baýragyna dalaşgär görkezilenleriň biri-de belli aktrisa, aýdymçy Selena Gomes boldy. Ol bu ugurda dalaşgär görkezilen asly latyn amerikaly 4-nji aktrisa hökmünde bellige alyndy.

76-njy «Emmy» baýraklarynyň ýeňijileri 16-njy sentýabrda Los Anjelesdäki «Peacock» teatrynda geçiriljek dabarada mälim ediler.

**IŇ GOWY SERIAL (DRAMA)**

**«Täç»** (The Crown) – «Netflix»; **«Follaut»** (Fallout) – «Prime Video»; **«Gyzyl çaýylan asyr»** (The Gilded Age) – HBO; **«Irdenki şou»** (The Morning Show) – «Apple TV+»; **«Jenap we hanym Smit»** (Mr. & Mrs. Smith) – «Prime Video»; **«Şýogun»** (Shogun) – FX; **«Ýuwaş atlar»** (Slow Horses) – «Apple TV+»; **«3 beden meselesi»** (3 Body Problem) – «Netflix».

**IŇ GOWY SERIAL (KOMEDIÝA)**

**«Abbot başlangyç mekdebi»** (Abbott Elementary) – ABC; **«Aýy»** (The Bear) – FX; **«Öz entuziazmyňa eýe çyk»** (Curb Your Enthusiasm) – HBO; **«Hilegärler»** (Hacks) – «Max»; **«Binada diňe ganhorlar bar»** (Only Murders in the Building) – «Hulu»; **«Palm Roýal»** (Palm Royale) – «Apple TV+»; **«Rezerwasiýa itleri»** (Reservation Dogs) – FX; **«Biz kölegede näme edýäris»** (What We Do in the Shadows) – FX.

**IŇ GOWY GYSGA GÖWRÜMLI SERIAL**

**«Sugun gölesi»** (Baby Reindeer) – «Netflix»; **«Fargo»** (Fargo) – FX; **«Himiýa sapagy»** (Lessons in Chemistry) – «Apple TV+»; **«Ripli»** (Ripley) – «Netflix»; **«Hakyky aňtawçy: gijeki ýurt»** (True Detective: Night Country) – HBO.

**IŇ GOWY AKTÝOR (KOMEDIÝA)**

**Mett Berri** – «Biz kölegede näme edýäris» (What We Do in the Shadows); **Larri Dewid** – «Öz entuziazmyňa eýe çyk» (Curb Your Enthusiasm); **Stiw Martin** – «Binada diňe ganhorlar bar» (Only Murders in the Building); **Martin Şort** – «Binada diňe ganhorlar bar» (Only Murders in the Building); **Jeremi Allen Waýt** – «Aýy» (The Bear); **D'Farao Wun-A-Tai** – «Rezerwasiýa itleri» (Reservation Dogs).

**IŇ GOWY AKTRISA (KOMEDIÝA)**

**Kinta Brunson** – «Abbot başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary); **Aýo Edebiri** – «Aýy» (The Bear); **Selena Gomes** – «Binada diňe ganhorlar bar» (Only Murders in the Building); **Maýa Rudolf** – «Olja» (Loot); **Jin Smart** – «Hilegärler» (Hacks); **Kristen Wiig** – «Palm Roýal» (Palm Royale).

**IŇ GOWY AKTÝOR (DRAMA)**

**Idris Elba** – «Uçardaky howsala» (Hijack); **Donald Glower** – «Jenap we hanym Smit» (Mr. & Mrs. Smith); **Wolton Goggins** – «Folaut» (Fallout); **Gari Oldman** – «Haýal atlar» (Slow Horses); **Hiroýuki Sanada** – «Şýogun» (Shogun); **Dominik West** – «Täç» (The Crown).

**IŇ GOWY AKTRISA (DRAMA)**

**Jennifer Aniston** – «Irdenki şou» (The Morning Show); **Karri Kun** – «Gyzyl çaýylan asyr» (The Gilded Age); **Maýa Erskin** – «Jenap we hanym Smit» (Mr. & Mrs. Smith); **Anna Sawai** – «Şýogun» (Shogun); **Imelda Staunton** – «Täç» (The Crown); **Riiz Wizerspun** – «Irdenki şou» (The Morning Show).

**IŇ GOWY AKTÝOR (GYSGA GÖWRÜMLI SERIALLAR)**

**Mett Bomer** – «Fellow Travelers»; **Riçard Gadd** – «Sugun gölesi» (Baby Reindeer); **Jon Hamm** – «Fargo» (Fargo); **Tom Hollander** – «Feud: Capote vs. The Swans»; **Andrýuw Skott** – «Ripli» (Ripley).

**IŇ GOWY AKTRISA (GYSGA GÖWRÜMLI SERIALLAR)**

**Jodi Foster** – «Hakyky aňtawçy: gijeki ýurt» (True Detective: Night Country); **Bri Larson** – «Himiýa sapagy» (Lessons in Chemistry); **Jun Templ** – «Fargo» (Fargo); **Sofiýa Wergara** – «Griselda» (Griselda); **Naomi Watts** – «Feud: Capote vs. The Swans».

## «Paramount» studiýasy «Skydance Media» bilen birleşýär

«Hollywood»-yň meşhur studiýalarynyň biri bolan «Paramount» başga bir kompaniýa, «Skydance Media» kompaniýasy bilen birleşýär. Has takygy, «Skydance Media» kompaniýasy «Paramount» studiýasynyň paýnamalaryny satyn alar. 1912-nji ýylda esaslandyrylan «Paramount» studiýasy «Hollywood»-yň iň gadymy 2-nji, dünýäde-de iň gadymy 6-njy kinostudiýa hasaplanýar. «Skydance» 2006-njy ýylda esaslandyrylyp, 2009-njy ýyldan bäri «Paramount» bilen bilelikde filmleriň önümçiligini gurap gelýärdi. «Terminator», «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» (Mission Impossible) filmleriniň soňky 4 bölümi, «Top Gan: Mawerik» (Top Gun: Maverick), «Star Trek» we başga-da birnäçe ilhalar filmler bu 2 studiýanyň bilelikdäki önümleri bolupdy. CBS, «Nickelodeon», «Paramount+» ýaly «Paramount»-yň garamagyndaky platformalar hem 2016-njy ýylda «Skydance Media» kompaniýasyna öwrülen bu studiýanyň düzümine girer. «Paramount» studiýasy esasanam «Paramount+» sebäpli soňky ýyllarda maliýe babatda kynçylyk çekýärdi. «Paramount+» özi ýaly «Netflix», «Disney Plus» we «Amazon Prime Video» «streaming» platformalaryndan yza galýardy we müşderi toplamakda garaşylýan netijäni bermändi.




## TÄZE FILM

**Ady:** «Dedpul we Rosomaha» (Deadpool & Wolverine); **Režissýory:** Şawn Lewi; **Ssenariçi:** Raýan Reýnolds, Rett Reese, Pol Wernik, Zeb Wells, Şawn Lewi; **Prodýuseri:** Kewin Faýgi, Raýan Reýnolds, Şawn Lewi, Loren Şuler Donner; **Keşplerde:** Raýan Reýnolds, Hýu Jekman, Emma Korrin, Mattýuw Makfadýen; **Kompozitory:** Rob Simonsen; **Öndüriji:** «Marvel Studios», «21 Laps Entertainment», «Maximum Effort»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios Motion Pictures»; **Dowamlylygy:** 128 minut; **Görnüşi:** uruşly, fantastik, komediýa; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

Bu gezek «Marvel»-iň 2 hyýaly super gahrymany – Dedpul bilen Rosomaha bir filmde bilelikde bolup, ekran eserine Şawn Lewi režissýorlyk edýär. Filmde baş keşpleri Raýan Reýnolds bilen Hýu Jekman, şol sanda Emma Korrin hemde Mattýuw Makfadýen janlandyrýar. 2 sagatdan gowrak dowamlylygy bolan ekran eserinde Rosomaha asuda durmuşda ýaşap ýören Dedpuly wajyp mesele üçin biynjalyk edýär. Olaryň ikisi güýçlerini birleşdirip, dünýäni halas etmeli bolýar...




## 2-nji FILM SURATA DÜŞÜRILER

Režissýor Dewid Frankeliň surata düşüren «Şeýtan Prada geýýär» (The Devil Wears Prada) filminiň ikinjisiniň surata düşüriljekdigi habar berildi. Ilkinjisi 2006-njy ýylda ekranlaşdyrylyp, filmde Enn Heteweý, Meril Strip, Adrian Grenier, Emili Blant ýaly belli artistler esasy keşpleri janlandyrypdy. 35 million dollarlyk býujetli kino prokatlardan 326 million dollar toplapdy. Häzirki wagtda «Disney» studiýasy bilen 1-nji filmiň ssenariçisi Alin Broş MakKennanyň arasynda gepleşikler geçirilip başlandy. Täze filmde Meril Strip bilen Emili Blantyň ozalky keşplerinde surata düşjekdigi habar berlip, Enn Heteweýiň öňümizdäki günlerde keşbine dolanmaga razylyk bermegine garaşylýar. Täze filmde žurnalyň sanly görnüşde çykýan ulgamyň garşysynda çapdan çykýan nusgasynyň pese gaçyşy barada söhbet açylar. Filmiň režissýory hem-de haçan ekranlara çykaryljakdygy häzirlikçe belli däl.




## LAWRENSIŇ TÄZE KEŞBI

Oskarly aktrisa Jennifer Lawrensiň surata düşjek indiki filmi «Sen meni näme üçin söýeňok» (Why Don't You Love Me?) atly kino bolar. Pol B. Raýnyň adybir çyzgy romany (komiksi) esasynda ekranlaşdyryljak komediýa görnüşli filmde Lawrens Kleýr atly zenanyň keşbini janlandyrar. Filmiň ssenarisini Robert Funk ýazar. Filmde Kleýr we onuň ýanýoldaşy Markyň bilelikdäki durmuşyny kynlyk bilenem bolsa dowam etdirmäge çalşyşy, maşgalanyň başdan geçirýän depressiýasy, pursatlary elden giderişi barada gara komediýa görnüşinde gürrüň berler. Filmiň režissýory öňümizdäki günlerde belli bolar.



## 2-nji möwsümi awgust aýynda başlanýar

Mundan 2 ýyl ozal 1-nji möwsümi ýaýlyma berlen «Güýç ýüzükleri» (The Rings of Power) serialynyň 2-nji möwsümi tomsuň iň soňky günlerinde tomaşaçylara ýetirilip başlanar. «Prime Video»-da görkeziljek serialyň 2-nji möwsümi-de 8 bölümden ybarat bolar. J.J. Tolkieniň meşhur «Ýüzükleriň hökümdary» eseriniň ýanamasy bolan serialyň 2-nji möwsüminiň ilkinji 3 bölümi 29-njy awgustda görkeziler. Galan bölümleriň bolsa 3-nji oktýabra çenli her hepde birisi ýaýlyma berler. Serialyň 4 bölümine Şarlott Brandstrom režissýorlyk edip, bu möwsümde otrisatel gahrymanlar öňe saýlanýar. Sauronyň Orta dünýäni özüne boýun etmek isleýşi täze möwsümiň iň esasy temasy bolup durýar.




## 31-nji SKANWORD




## 38-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **2.** Däneli ekin. **3.** Çöl ýerlerde ösýän, odun hökmünde ulanylýan ownuk pürli, sazaga meňzeş agaç. **4.** Ýykylyp, ýumrulyp galan jaýlaryň ýeri. **5.** Içine nahar guýlup iýilýän uly käse. **8.** Kiçijik gap, gapyrjajyk. **10.** Deprek, laňňara (köne söz). **11.** Janyňy gurban etmeklik. **13.** Şa, soltan. **14.** Miwe we bakja ekinlerinden suwy gaýnadylyp alynýan goýy önüm. **15.** Germaniýada bir derýa. **17.** Hereket edýän dişli tigir. **19.** Bäş setirden ybarat bolan şygyr bendi. **21.** Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde ýerleşýän köşk. **22.** Bir öýjükli, örän kiçijik we iň sada jandar. **24.** Bir guramanyň, toparyň düzümine girýän adam. **25.** Suratkeş adalgasy. **27.** Tagma, bellik. **29.** «... gadryny göçen biler» (nakyl). **31.** Programmirleme dilinde setiri sana öwürmek. **33.** Sportuň bir görnüşi. **35.** Günorta-gündogar Aziýada daglyk ýurt. **36.** Ýaponiýanyň optiki-mehanik enjamlaryny öndürýän kompaniýasy. **38.** Suwda ýaşaýan zähersiz ýogyn ýylan. **40.** Şweýsar sagat brendi. **42.** Oňaý pursat, degerli wagt. **43.** Ýurdumyzda döwürleýin neşirleriň biri. **45.** Olja, ýesir almak maksady bilen edilýän çozuş, talaň. **46.** Naryň agymtyl däneli süýji görnüşi. **50.** Tennis meýdançasy. **51.** Başam barmak bilen süýem barmagyň gerlen ýagdaýyndaky aralygy we şol aralyga barabar uzynlyk ölçegi.

**KESELIGINE:** **1.** Amerikaly meşhur boksçy Maýk ... **6.** Bir diliň elipbiýiniň, esasan, belli bir sese laýyk bolan ýazuw belgisi. **7.** Russiýanyň sagat markasy. **9.** Müşk, anbar. **12.** Ýarym tegelek şekilli hörek, somsa. **14.** Birine ýa-da bir zada gönükdirilen hereket. **16.** Gündogar Karib deňzinde ýerleşýän ýurt. **18.** Oňat, ýagşy. **20.** Rehim-... **23.** Berdi Kerbabaýewiň bir powesti «...-myrat». **26.** Kebelegiň bir görnüşi «Daniada ...». **28.** Iki ýaşynyň içindäki eşek. **30.** Şatlykly, şadyýan. **32.** Ýük gämisi. **34.** Kömekçi söz. **37.** Jisimiň we ş.m. üstüni örtýän gat. **39.** Wokal aýdymsaz žanry. **41.** Gündogar Eýranda ýerleşýän taryhy sebit. **44.** Ýokary okuw mekdeplerinde ylmyň belli bir pudagy boýunça mugallymlar toparynyň ýygnanan ýeri, bölümi. **47.** Maňlaýy sakar dor at. **48.** Polatdan, çoýundan ýasalan gap. **49.** Ýerine ýetirilmegi hökman bolan şert. **50.** Slawýan milli tomus turşumtyk tagamly içgisi. **52.** Rus we amerikan suratkeşi, binagär ... Naum. **53.** Usullylyk, seresaplylyk. **54.** Ýuka ýumşak mata.

**36-njy krosswordyň jogaby:**



**37-nji krosswordyň jogaby:**



# ŞU GÜN PARIŽDE XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA OÝUNLARYNA BADALGA BERLER



**Başlangyjy 1-nji sahypada**

Bütin dünýäniň ünsüni 17 günläp özünde jemlejek Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlarynyň çägindäki ýaryşlar 34 desgada geçiriler. Açylyş dabarasyndan 2 gün öň başlan futbol duşuşyklary ýurduň şäherleriniň 9-synda oýnalar. Sörfing boýunça guraljak ýaryşlar Fransiýadan 16 müň kilometr uzaklykdaky Taitiniň Teahupo'o obasynda geçiriler. Fransiýa hökümeti bu iri halkara sport çäresini guramak üçin 9 milliard ýewro möçberinde maýa goýdy.



Fransiýada Olimpiýa oýunlary umumylykda 6-njy gezek guralýar. Şolaryň 3-si tomusky, 3-si gyşky Olimpiýa oýunlarydyr. Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň 3-siniň salgysy hem paýtagt Pariž bolup, bu ýerde mundan ozal 1900-nji we 1924-nji ýyllardaky çäreler guralypdy. Mundan 100 ýyl öň Fransiýanyň başga bir şäheri Şamoniksde ilkinji gyşky oýunlary hem geçirilipdi. Gyşky Olimpiada 1968-nji ýylda Grenobl, 1992-nji ýylda bolsa Albertwill şäherlerinde guralypdy.



**Medallara Eýfel diňinden bölejikler ýerleşdirildi**

● Medallar Parižidäki «Chaumet» gymmatbaha şaý-sep, sagat öndürýän kompaniýa tarapyndan dizaýn edilýär hem ýasalýar. Jemi 5084 medal öndürilip, medallaryň hersiniň iki tarapyna Parižiň iň uly nyşany bolan Eýfel diňinden alnan 18 grama golaý demir bölegi ýerleşdirilendir. Altyn medalyň agramy 529 grama deň bolsa, kümüş medalyň 525, bürünç medalyň 455 gram agramy bar.

Pariž 2024-iň tumary (talesmany) «Frižler» (Phryges) diýlip atlandyrylýar. Miladydan öň ýaşan Frigiýalaryň şyrdagy nusga alnyp döredilen bu talesman Fransiýanyň nyşany hasaplanýar. Ol erkinligi aňladýar. Frižler Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlary tamamlanýança türgenler hem-de janköýerler üçin ruhlandyryjy güýç bolar. Olara uly goldaw berip, şatlyk paýlar.

**Iň köp petek satylan Olimpiada boldy**

● Şu gün açylyş dabarasy geçirilýän Pariž 2024 XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda peteklerin satuwy rekord derejä ýetdi. Satuwa çykarylan 10 million petegiň 9,3 milliony satyn alyndy. Şeýlelikde, 28 ýyldan soň petek satuwy boýunça Olimpiýa oýunlarynyň rekordy täzelendi. Mundan ozalky rekord Atlanta 1996-a degişli bolup, ABŞ-da geçirilen şol Olimpiadada 8,3 million petek satylypdy. Pariž 2024-iň petek bahalary 90, 250, 500, 900, 1600, 2700 ýewro bahadan satuwa çykarylypdy. Hatda 2700 ýewrodan petek satyn alanlaryň käbirleri iýmit hyzmatyndan hem peýdalanmak üçin 3850 ýewro tölemeli boldy.

Açylyş dabarasynyň geçirilýän ýeri bolan Sena derýasynyň kenarynda ýerleşýän öýleri wagtlaýynça kärendesine almak hem bolýar. Öý eýeleriniň arasynda açylyş dabarasynyň geçirilýän gününde kärende tölegini 20 müň ýewro möçberinde baha kesgitleýänler hem bar. Şu gün Aşgabat wagty bilen 21:30-da başlanjak açylyş dabarasy Sena derýasynyň üstünde 6,5 kilometrlik aralykda geçiriler. Toparlar gaýyklar bilen derýadan geçip, Trokadero meýdançasyna bararlar.



**Iň köp türgen ABŞ-dan gatnaşýar**

● Jemi 206 ýurtdan (2-si Bosgunlar topary hem-de Bitarap türgenler topary) jemi 10 müň 730 türgen gatnaşar. Afrikadan 54, Ýewropadan 48, Aziýadan 44, Amerikadan 41, Okeaniýadan 17 we 2 sany hem ýörite topar Pariž 2024-e wekilçilik eder. Pariž 2024-e jemi 10 müň 700-den gowrak türgen gatnaşar. Iň köp türgen ABŞ-dan gatnaşyp, olaryň sany 592-ä deňdir. Ýer eýeleri Fransiýadan 573, Awstraliýadan 460, Germaniýadan 428, Ýaponiýadan 403, Hytaýdan 388, Ispaniýadan 382, Italiýadan 372, Beýik Britaniýadan 327, Kanadadan 315 türgen Olimpiýa oýunlarynda altyndyr kümüş we bürünç medallar ugrunda göreşerler.

**Türgenler sportuň 32 görnüşi boýunça bäsleşerler**

● Türgenler sportuň umumylykda 32 görnüşi (48 disiplina) boýunça 329 ýaryşda özara güýç synanyşarlar. Pariž 2024-däki ýeke-täk täze sport görnüşi breýkdans bolup, köçe medeniýetini we tans etmek ukybyny özünde jemleýän bu özboluşly sport görnüşi ilkinji gezek Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda orun alar.



Tokio 2020-de bar bolan karate hem-de beýsbol sportlary maksatnamadan çykaryldy. Pariž 2024-iň maksatnamasyndaky sport görnüşleri we olaryň käbirleriniň dissiplinalary şulardyr:

**ýeňil atletika, ýaýdan ok atmak, badminton, basketbol (basketbol, 3x3 basketbol), atçylyk sporty (konkur, üç görnüşli, atly ýöriş), welosport (BMX erkin, BMX ýaryş, dag, ýol, trek), boks, breýkdans, fehtowaniýa, agyr atletika, göreş (erkin, grek-rim), futbol, golf, gandbol, ot hokkeýi, suw sportlary (ýüzmek, sinhronlaýyn ýüzmek, woterpol, bökmek, marafon ýüzüş), sörfing, taekwondo, tennis, triatlon, dyrmaşmak sporty, woleýbol (woleýbol, kenarýaka woleýboly), ýelken, stol tennisi, regbi, häzirki zaman pentatlony, dzýudo, kanoe (sprint, slalom), küreklemek, gimnastika (sport, çeper, tramplin), nyşana ok atmak, skeýtbording.**

## OLIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ GYSGAÇA TARYHY

Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň gelip çykyşy barada ençeme gürrüňler, mifiki rowaýatlar bar bolup, bu oýunlaryň haçan, nirede dörändigi hakynda anyk maglumat aýtmak juda kyn. Ýöne şol myş-myşlaryň, rowaýatlaryň arasynda iň ýörgünlisi şudur: miladydan öň 500-nji ýyllarda gadymy grekleriň arasynda yzygiderli ýeňil atletika festiwallary geçirilýärdi. Şol festiwallaryň arasynda-da iň meşhury 4 ýyldan bir gezek Olimpiýa dagynda Zeusa bagyşlanyp geçirilýän Olimpiadady. Bu Olimpiadada gysga, orta we uzak aralyklara ylgamak, pentatlon (bäş görnüşli), boks hem-de göreş ýaly sport görnüşleri bolup, ýaryşlara aglaba diýen ýaly erkekler gatnaşýardy. Miladydan öň II asyrda bu Olimpiýa oýunlary Rim imperiýasy tarapyndan ýatyrylýar.

1892-nji ýylda Parižidäki Sorbonn uniwersitetinde çykyş eden fransiýaly baron, pedagog hem-de taryhçy Pier de Kuberten halkara sport çäresini, halkara sport ýaryşlaryny geçirmek baradaky teklip bilen çykyş edýär. Ol çykyşynda sportuň peýdasy — halklary dostlaşdyrýandygyny, jebisleşdirýändigini, parahatçylygy ündeýändigini, şol bir wagtyň özünde, adamyň bedenine, saglygyna hem-de ruhuna peýdasynyň ýokarydygyny belläp geçýär. Ähli milletleri bir ýere jemlemek, zemindäki halklary bilelikde bir maksada gönükdirmek üçin Olimpiýa oýunlarynyň döredilmeginiň ýa-da iň bolmanda, şol köne nusgasynyň dikeldilmeginiň wajypdygyny aýdyp, ýygnananlardan Olimpiýa oýunlaryny geçirmäge goldaw bermeklerini haýyş edýär. Soňlugy bilen, 1892-nji ýylyň iýun aýynyň ortalaryna Sorbonn uniwersitetinde Halkara Olimpiýa Komiteti esaslandyrylýar. Onuň başlygy wezipesine-de Kubertene uly goldaw berenleriň biri bolan gresiýaly Demetrius Wikelas bellenilýär. 1894-nji ýylyň 23-nji iýunynda Halkara Olimpiýa Komiteti 13 ýurtdan 79 wekiliň gatnaşmagynda özüniň ilkinji kongresini geçirýär. Bu üýşmeleňde häzirki zaman Olimpiýa oýunlarynyň ilkinjisiniň Gresiýanyň paýtagty Afinyda geçirilmelidigi barada netijä gelinýär. Aslynda ilkibaşda, Olimpiýa oýunlaryny 1900-nji ýylda Parižde Dünýä ýarmarkasy bilen bilelikde guramak barada pikir alşylýar. Ýöne Olimpiadanyň özüniň aýratyn bir çäre bolmalydygy, Olimpiýa ruhunyň duýulmalydygy öňe sürülýär. Bu teklip köpçülik tarapyndan makullanýar.



Pier de Kuberten



Afiny 1896

Şeýlelikde, ilkinji tomusky Olimpiýa oýunlary Olimpiadanyň gelip çykan ýeri diýlip hasaplanýan Gresiýada, ýagny onuň paýtagty Afinyda guralýar. Bu Olimpiýa oýunlaryndan soň birnäçe türgenler, sporta degişli ýolbaşçylar Olimpiýa oýunlarynyň hemişe Afinyda geçirilmelidigini belleýärler. Ýöne Halkara Olimpiýa Komiteti sport ýaryşlarynyň örüsiniň giňemeginiň tarapdary bolany üçin bu teklip bilen ylalaşmaýar. Onsuzam II Olimpiýa oýunlarynyň 1900-nji ýylda Parižde geçiriljekdigi barada öň karara gelinýär.

Olimpiýa oýunlarynyň baýdagy 1912-nji ýylda Kuberteniň özi tarapyndan dizaýn edilýär. Ak zeminiň üstüne zynjyr şeklinde gök, sary, gara, ýaşyl hem-de gyzyl reňkli halkalar ýerleşdirilýär. Kuberten reňkleri şol ýyllarda Olimpiada gatnaşýan ýurtlaryň baýdaklarynyň ählisini özünde jemleýändigi üçin saýlandygyny aýdýar. Şol bir wagtyň özünde-de 5 halka 5 kontinenti aňladýar. Bu baýdak ilkinji gezek 1920-nji ýylda Antwerpende geçirilen Olimpiadada peýda bolýar.

Tomusky Olimpiýa oýunlary 1916-njy ýylda Birinji Jahan urşy, 1940-njy we 1944-nji ýyllarda Ikinji Jahan urşy sebäpli geçirilmedi. Her 4 ýyldan geçirilýän tomusky Olimpiýa oýunlary şol 3 gezekden başga-da ýene bir gezek kadadan çykyp, pandemiýa sebäpli Tokio 2020 Olimpiadasy 2021-nji ýylda guralýar.

Tomusky Olimpiýa oýunlary şu wagta çenli 5 yklymda 19 ýurtda, 23 şäherde geçirildi. Iň köp guran ýurt ABŞ bolup, 4 amerikan şäheri Olimpiýa oýunlaryny kabul etdi. Olimpiada 2028-nji ýylda ABŞ-da 5-nji gezek geçiriler we Los Anjeles şäheri London hem-de Parižden soň tomusky Olimpiýa oýunlaryny 3 sapar guran 3-nji şäher bolar. Afiny we Tokio şäherleri 2 gezek ýaryşyň guramaçy şäheri boldy.





| № | Ýyly | Şäher (ýurdy) | Geçirilen senesi | Gatnaşan ýurtlaryň sany | Sport görnüşi | Türgen sany: Umumy | Türgen sany: Erkekler | Türgen sany: Zenanlar | Medal sanawynyň ýeňijisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| I | 1896 | AFINY (Gresiýa) | 6–15-nji aprel 1896 | 14 | 9 | 241 | 241 | 0 | ABŞ |
| II | 1900 | PARIŽ (Fransiýa) | 14-nji maý – 28-nji oktýabr 1900 | 26 | 19 | 1226 | 1202 | 24 | Fransiýa |
| III | 1904 | SENT LUIS (ABŞ) | 1-nji iýul – 23-nji noýabr 1904 | 12 | 16 | 651 | 645 | 6 | ABŞ |
| IV | 1908 | LONDON (B. Britaniýa) | 27-nji aprel – 31-nji oktýabr 1908 | 22 | 22 | 2008 | 1971 | 37 | B. Britaniýa |
| V | 1912 | STOKGOLM (Şwesiýa) | 6–22-nji iýul 1912 | 28 | 14 | 2407 | 2359 | 48 | ABŞ |
| VII | 1920 | ANTWERPEN (Belgiýa) | 14-nji awgust – 12-nji sentýabr 1920 | 39 | 22 | 2626 | 2561 | 65 | ABŞ |
| VIII | 1924 | PARIŽ (Fransiýa) | 5–27-nji iýul 1924 | 44 | 17 | 3089 | 2954 | 135 | ABŞ |
| IX | 1928 | AMSTERDAM (Niderlandlar) | 28-nji iýul – 12-nji awgust 1928 | 46 | 14 | 2883 | 2606 | 277 | ABŞ |
| X | 1932 | LOS ANJELES (ABŞ) | 30-njy iýul – 14-nji awgust 1932 | 37 | 19 | 1332 | 1206 | 126 | ABŞ |
| XI | 1936 | BERLIN (Germaniýa) | 1–16-njy awgust 1936 | 49 | 17 | 3963 | 3632 | 331 | Germaniýa |
| XIV | 1948 | LONDON (B. Britaniýa) | 29-njy iýul – 14-nji awgust 1948 | 59 | 17 | 4104 | 3714 | 390 | ABŞ |
| XV | 1952 | HELSINKI (Finlýandiýa) | 19-njy iýul – 3-nji awgust 1952 | 69 | 17 | 4955 | 4436 | 519 | ABŞ |
| XVI | 1956 | MELBURN (Awstraliýa) | 22-nji noýabr – 8-nji dekabr 1956 | 72 | 17 | 3314 | 2938 | 376 | SSSR |
| XVII | 1960 | RIM (Italiýa) | 25-nji awgust – 11-nji sentýabr 1960 | 83 | 17 | 5338 | 4727 | 611 | SSSR |
| XVIII | 1964 | TOKIO (Ýaponiýa) | 10–24-nji oktýabr 1964 | 93 | 19 | 5151 | 4473 | 678 | ABŞ |
| XIX | 1968 | MEHIKO SITI (Meksika) | 12–27-nji oktýabr 1968 | 112 | 18 | 5516 | 4735 | 781 | ABŞ |
| XX | 1972 | MÜNHEN (Germaniýa) | 26-njy awgust – 11-nji sentýabr 1972 | 121 | 21 | 7134 | 6075 | 1059 | SSSR |
| XXI | 1976 | MONREAL (Kanada) | 17-nji iýul – 1-nji awgust 1976 | 92 | 21 | 6084 | 4824 | 1260 | SSSR |
| XXII | 1980 | MOSKWA (Ozalky SSSR) | 19-njy iýul – 3-nji awgust 1980 | 80 | 21 | 5179 | 4064 | 1115 | SSSR |
| XXIII | 1984 | LOS ANJELES (ABŞ) | 28-nji iýul – 12-nji awgust 1984 | 140 | 21 | 6829 | 5263 | 1566 | ABŞ |
| XXIV | 1988 | SEUL (Günorta Koreýa) | 17-nji sentýabr – 2-nji oktýabr 1988 | 159 | 23 | 8391 | 6197 | 2194 | SSSR |
| XXV | 1992 | BARSELONA (Ispaniýa) | 25-nji iýul – 9-njy awgust 1992 | 169 | 25 | 9356 | 6652 | 2704 | Birleşen topar |
| XXVI | 1996 | ATLANTA (ABŞ) | 19-njy iýul – 4-nji awgust 1996 | 197 | 26 | 10318 | 6806 | 3512 | ABŞ |
| XXVII | 2000 | SIDNEÝ (Awstraliýa) | 15-nji sentýabr – 1-nji oktýabr 2000 | 199 | 28 | 10651 | 6582 | 4069 | ABŞ |
| XXVIII | 2004 | AFINY (Gresiýa) | 13–29-njy awgust 2004 | 201 | 28 | 10625 | 6296 | 4329 | ABŞ |
| XXIX | 2008 | PEKIN (Hytaý) | 8–24-nji awgust 2008 | 204 | 28 | 10942 | 6305 | 4637 | Hytaý |
| XXX | 2012 | LONDON (B. Britaniýa) | 27-nji iýul – 12-nji awgust 2012 | 204 | 26 | 10768 | 5992 | 4776 | ABŞ |
| XXXI | 2016 | RIO-DE-ŽANEÝRO (Braziliýa) | 5–21-nji awgust 2016 | 207 | 28 | 11238 | 6179 | 5059 | ABŞ |
| XXXII | 2020 | TOKIO (Ýaponiýa) | 23-nji iýul – 8-nji awgust 2021 | 206 | 33 | 11676 | 5982 | 5494 | ABŞ |
| XXXIII | 2024 | PARIŽ (Fransiýa) | 26-njy iýul – 11-nji awgust 2024 | 206 | 32 | 10730 | | | |

## Medal sanawynyň başyny amerikaly türgenler çekýär

**Tomusky Olimpiýa oýunlarynda Pariž 2024-e çenli iň köp altyn medal gazanan ýurt ABŞ bolup, amerikaly türgenler 28 Olimpiada gatnaşyp, 1065 altyn medal gazandylar. Amerikanlaryň 835 kümüş, 738 bürünç, jemi 2638 medaly bar. Bu ugurda ozalky SSSR-iň türgenleri 2-nji ýerde bolup, Soýuzyň adyndan wekilçilik eden türgenler 9 Olimpiadada 395 altyn medala eýelik etdiler. Olar 319 kümüş, 296 bürünç, jemi 1010 medal gazandylar. Şu wagta çenli geçirilen ähli Olimpiýa oýunlaryna gatnaşan 5 ýurduň biri bolan Beýik Britaniýanyň türgenleri (beýlekileri Gresiýa, Şweýsariýa, Awstraliýa, Fransiýa) 285 altyn bilen 3-nji orunda barýarlar. Olaryň 319 kümüş, 314 bürünç, jemi 918 medaly bar.**



**Geçirilen 29 Olimpiadada amerikaly türgenler 18 gezek medal sanawynda 1-nji orny eýelediler. Ozalky Soýuzyň türgenleri 6 gezek medal sanawynda birinji orny eýeläp, bu görkeziji boýunça 2-nji ýerde barýarlar. Irki ýyllarda Fransiýadyr Beýik Britaniýa hem-de Germaniýa 1 gezek medal sanawyny çür depede tamamlapdylar. Hytaýyň, şol sanda Birleşen toparyň topary hem 1 sapar tomusky Olimpiýa oýunlarynyň medal sanawynda ýeňiji bolmagy başardy.**

## IŇ KÖP MEDALLY TÜRGENLER

Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda iň köp medal gazanan türgen amerikaly ýüzüji Maýkl Felps bolup, ol 28 gezek ýeňiş münberine çykýar. Olimpiýa oýunlaryna 5 gezek gatnaşan türgen 23 altyn, 3 kümüş, 2 bürünç, jemi 28 medal gazanyp, bäsdeşlerinden ep-esli öňde barýar.



Maýkl Felps

Sanawda 2-nji orunda ozalky SSSR-den Larisa Latynina bolup, ol 1956-1964-nji ýyllar aralygynda gatnaşan 3 Olimpiýa oýunlarynda 9 altyn, 5 kümüş, 4 bürünç, jemi 18 medala eýelik edýär. Latynana amerikaly ýüzüji Maýkl Felpse çenli rekordy özünde saklap, ol Olimpiýa oýunlarynyň iň köp medally zenan türgenidir. SSSR-iň başga bir gimnastikaçy türgeni Nikolaý Andriýanow 3-nji orunda bolup, ol 1972-1980-nji ýyllar aralygynda 3 Olimpiada wekilçilik edýär we 7-si altyn jemi 15 medal gazanýar.

13 medally türgenlerden SSSR-li gimnastikaçy Boris Şahlin, italiýaly fehtowaniýaçy Edoardo Manjarotti, ýaponiýaly gimnastikaçy Takaşi Ono 4-5-6-njy orunlary eýeleýärler. Finlýandiýaly meşhur ýeňil atletikaçy Paawo Nurminiň 9-sy altyn, 3-si kümüş, jemi 12 medaly bar.

Gündogar germaniýaly kanoeçi zenan Birgit Fişer Olimpiýa oýunlarynyň 6-syna gatnaşyp, 8 altyn medal gazanýar. Ilkinji medalyny 18 ýaşyndaka Moskwa 1980-de alan Fişer 2004-nji ýylda Afinyda soňky medallaryny boýnuna dakýar. Umumylykda Fişeriň 12 Olimpiýa medaly bar. Ol 6 Olimpiadada medal gazanan ýeke-täk zenan türgendir. Edil şonuň ýaly, wengriýaly fehtowaniýaçy Aladar Gerewiç hem 6 Olimpiadada 6 medal gazanmagy başarýar. Iň uly fehtowaniýaçylaryň hatarynda görkezilýän Gerewiç 1932–1960-njy ýyllar aralygyndaky 28 ýylda guralan 6 Olimpiýa oýunlaryna gatnaşýar. Gerewiç Ikinji Jahan urşy sebäpli ýatyrylan (Tokio 1940, London 1944) Olimpiadalara-da gatnaşan bolsa, onda ol 8 Olimpiýa oýnuna wekilçilik edip bilerdi.

Germaniýaly ýüzüji Fransiska wan Almsigiň 10 Olimpiýa medaly bolsa-da, oňa 1992-2004-nji ýyllar aralygyndaky 4 Olimpiadanyň hiç birinde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykmak başartmaýar. Onuň 4 kümüş, 6 bürünç medaly bar.

**Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň umumy medal sanawy**

| Ýurtlar | Gatnaşan Olimpiada sany | Altyn | Kümüş | Bürünç | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 28 | 1065 | 835 | 738 | 2638 |
| Ozalky SSSR | 9 | 395 | 319 | 296 | 1010 |
| Beýik Britaniýa | 29 | 285 | 319 | 314 | 918 |
| Hytaý | 11 | 262 | 199 | 173 | 634 |
| Fransiýa | 29 | 223 | 251 | 277 | 751 |
| Italiýa | 28 | 217 | 188 | 213 | 618 |
| Germaniýa | 17 | 201 | 207 | 247 | 655 |
| Wengriýa | 27 | 181 | 154 | 176 | 511 |
| Ýaponiýa | 23 | 169 | 150 | 178 | 497 |
| Awstraliýa | 27 | 164 | 173 | 210 | 547 |
| Gündogar Germaniýa | 5 | 153 | 129 | 127 | 409 |
| Russiýa | 6 | 149 | 126 | 151 | 426 |
| Şwesiýa | 28 | 148 | 176 | 179 | 503 |
| Finlýandiýa | 26 | 101 | 85 | 119 | 305 |
| Günorta Koreýa | 18 | 96 | 91 | 100 | 287 |
| Niderlandlar | 27 | 95 | 105 | 122 | 322 |
| Rumyniýa | 22 | 90 | 97 | 121 | 308 |
| Kuba | 21 | 84 | 69 | 82 | 235 |
| Polşa | 22 | 72 | 89 | 137 | 298 |
| Kanada | 27 | 71 | 109 | 146 | 326 |

**Tomusky Olimpiýa oýunlarynda iň köp medal gazanan türgenleriň sanawy**

| Türgenler | Türgeniň sport görnüşi | Gatnaşan ýyllary | Altyn | Kümüş | Bürünç | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Maýkl Felps (ABŞ) | ýüzüji | 2004–2016 | 23 | 3 | 2 | 28 |
| Larisa Latynina (SSSR) | gimnastikaçy | 1956–1964 | 9 | 5 | 4 | 18 |
| Nikolaý Andriýanow (SSSR) | gimnastikaçy | 1972–1980 | 7 | 5 | 3 | 15 |
| Boris Şahlin (SSSR) | gimnastikaçy | 1956–1964 | 7 | 4 | 2 | 13 |
| Edoardo Manjarotti (Italiýa) | fehtowaniýaçy | 1936–1960 | 6 | 5 | 2 | 13 |
| Takaşi Ono (Ýaponiýa) | gimnastikaçy | 1952–1964 | 5 | 4 | 4 | 13 |
| Paawo Nurmi (Finlýandiýa) | ýeňil atletikaçy | 1920–1928 | 9 | 3 | 0 | 12 |
| Birgit Fişer (Gündogar Germaniýa) | kanoeçi | 1980–2004 | 8 | 4 | 0 | 12 |
| Sawao Kato (Ýaponiýa) | gimnastikaçy | 1968–1976 | 8 | 3 | 1 | 12 |
| Jenni Tompson (ABŞ) | ýüzüji | 1992–2004 | 8 | 3 | 1 | 12 |
| Isabell Wert (Germaniýa) | atçylyk sporty | 1992–2020 | 7 | 5 | 0 | 12 |
| Raýan Lohte (ABŞ) | ýüzüji | 2004–2016 | 6 | 3 | 3 | 12 |
| Dara Torres (ABŞ) | ýüzüji | 1984–2008 | 4 | 4 | 4 | 12 |
| Alekseý Nemow (Russiýa) | gimnastikaçy | 1996–2000 | 4 | 2 | 6 | 12 |
| Natali Koglin (ABŞ) | ýüzüji | 2004–2012 | 3 | 4 | 5 | 12 |
| Mark Spits (ABŞ) | ýüzüji | 1968–1972 | 9 | 1 | 1 | 11 |
| Matt Biondi (ABŞ) | ýüzüji | 1984–1992 | 8 | 2 | 1 | 11 |
| Wera Çaslawska (Çehoslowakiýa) | gimnastikaçy | 1960–1968 | 7 | 4 | 0 | 11 |
| Wiktor Çukarin (SSSR) | gimnastikaçy | 1952–1956 | 7 | 3 | 1 | 11 |
| Allison Feliks (ABŞ) | ýeňil atletikaçy | 2004–2020 | 7 | 3 | 1 | 11 |
| Karl Osburn (ABŞ) | nyşana ok atyjy | 1912–1924 | 5 | 4 | 2 | 11 |
| Emma MakKeon (Awstraliýa) | ýüzüji | 2016–2020 | 5 | 2 | 4 | 11 |
| Karl Lýuwis (ABŞ) | ýeňil atletikaçy | 1984–1996 | 9 | 1 | 0 | 10 |
| Keýti Ledeki (ABŞ) | ýüzüji | 2012–2020 | 7 | 3 | 0 | 10 |
| Aladar Gerewiç (Wengriýa) | fehtowaniýaçy | 1932–1960 | 7 | 1 | 2 | 10 |
| Akinori Nakaýama (Ýaponiýa) | gimnastikaçy | 1968–1972 | 6 | 2 | 2 | 10 |
| Witali Şerbo (Belarus) | gimnastikaçy | 1992–1996 | 6 | 0 | 4 | 10 |
| Anýeş Keleti (Wengriýa) | gimnastikaçy | 1952–1956 | 5 | 3 | 2 | 10 |
| Geri Holl Junior (ABŞ) | ýüzüji | 1996–2004 | 5 | 3 | 2 | 10 |
| Polina Astahowa (SSSR) | gimnastikaçy | 1956–1964 | 5 | 2 | 3 | 10 |
| Allison Şmitt (ABŞ) | ýüzüji | 2008–2020 | 4 | 3 | 3 | 10 |
| Aleksander Dityatin (SSSR) | gimnastikaçy | 1976–1980 | 3 | 6 | 1 | 10 |
| Fransiska wan Almsik (Germaniýa) | ýüzüji | 1992–2004 | 0 | 4 | 6 | 10 |

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 4 ÝYLDA 4 KUBOK

Bilşiňiz ýaly, milli ýygyndylaryň arasyndaky iň gadymy futbol bäsleşigi Kopa Amerika. Ýagny Günorta Amerikanyň çempionaty. Geçen duşenbe günki final bilen tamamlanan 48-nji Kopa Amerikada Argentinanyň ýygyndysy çempion boldy. Kubogy yzly-yzyna gazanan Argentina 16-njy gezek çempion bolmak bilen, tangoçylar ýaryşyň iň köp çempionlyk gazanan topary hökmünde bellige alyndy. Bu çempionatdan öň Urugwaý ikisiniň 15 çempionlygy bardy.

1970–1990-njy ýyllar aralygynda Argentinanyň ýygyndysynyň ady hemmäniň üns merkezinde bolup, esasanam ol Dünýä Kubogynyň iň uly topary hasaplanýardy. Ýöne 1990-njy ýyllaryň 2-nji ýarymyndan soň Argentinanyň ady tutulsa-da, radonanyň, 2014-nji ýylda bolsa Messiniň oýnan final duşuşyklarynda ýeňlipdi. Şol soňky 2 finalda-da Germaniýa 1–0 hasaplar bilen ýeňiş gazanyp, 3–4-nji çempionlyklaryny baýram edipdi.

Kopa Amerikada-da 1991-nji we 1993-nji ýyllarda yzly-yzyna gazanylan 14–15-nji çempionlykdan soň Argentina çempionlygy ýatdan çykarýar. 2004-nji ýyla çenli ýarym finala hem çykyp bilmeýär. Bilşiňiz ýaly, 1994-nji ýylda Dünýä çempionatynda Maradona doping ulanypdy. Şondan soň şowsuzlyklaryň yzy az bolmaýar.

Messiniň milli toparda oýnap başlamagyndan soň täzeden argentinler hemmäniň ünsüni çekip başlady. Ýöne Messi bilenem garaşylýan başarnyk wagty bilen gelmedi, köp garaşdyrdy.





olar çärýek asyrdan gowrak wagt bäri çempionlyk gazanmagy ýatdan çykardylar. Ynha, indi soňky 4 ýylda bolsa 4 kubok gazandylar.

4 ýyl mundan ozal, dünýä futbolynyň super ýyldyzy, adyny Pele, Maradona ýaly ägirtleriň ýanyna ýazdyran, hatda köplere görä, olardanam öňde bolan Messiniň milli toparda ýeke kubogy hem ýokdugy, futbol janköýerleriniň ýadyndadyr. Bir ganaty ýaraly guş ýaly, Messiniň bir tarapy göýdükdi. Munuň tersine çykyş eden kluby «Barselona» bilen bolsa gazanylmadyk kubok galmandy. Dürli-dürli karikaturalar döredilýärdi. Messiniň bir gapdalyndaky şkafda kubokdan ýaňa ýer ýok, beýleki tarapynda-da diňe 2 sanyjak kindiwanja zat – biri kubok, biri medal. Kubog-a 2005-nji ýylda ýaşlaryň arasyndaky (U20) Dünýä Kubogynyň çempionlygy, medal bolsa 2008-nji ýylda Pekin Olimpiadasynda gazanylan altyn medaldy. Hatda Messiniň janköýerleri Dünýä Kubogyndan tamalaryny üzüp, iň bolmanda, yklym ýaryşynda bir ýeňiş gazansa diýip başlapdylar. Bu isleg Messiniň iň esasy bäsdeşi Ronaldonyň EURO 2016-da çempionlyk gazanmagyndan soň hasam möwjeýär. Messi bolsa iň bolmanda Kopa Amerika diýilýän ýaryşyň kubogynyň deňinden yzly-yzyna 2 gezek boýny aşak, ýüzi salyk ýagdaýda geçip gaýdýar.

Aslynda 2016-njy ýyla çenli Ronaldonyň hem ýagdaýy şeýledi. Iki super ýyldyz üçinem milli topardaky karýeralary kuboksyz geçmegini dowam edýärdi we onuň şeýle-de bolmagyna garaşylýardy. Messi ikisine milli karýeralaryny kuboksyz tamamlaýjaklar ýaly diýilýärdi. Ýöne Ronaldo we ýoldaşlary 2016-njy ýylda Ýewropada, 2019-njy ýylda-da Milletler Ligasynda çempion bolup, Messiden öňe geçýär. Şol ýyllarda iki oýunçy deňeşdirilende milli topara gezek gelende, Ronaldonyň tarapdarlary bir ädim öňe çykyp gürleýärdiler: — Ronaldoda bar, Messide ýok — diýip. Ýöne esasy gürrüňler öňde ekeni.

Argentinanyň ýygyndysy Dünýä Kubogyny 1978-nji we 1986-njy ýyllarda gazanmagy başardy. Birinji çempionlykda Mario Kempesiň, ikinjisinde Maradonanyň tagallasy diýseň uludy. Dünýä Kubogynyň taryhyndaky ilkinji ýaryşyň finalynda Urugwaýdan utulan Argentina 1990-njy ýylda Ma-

Ilki Dünýä Kubogyny ýatlap geçeliň. Messiniň oýnap başlan 2006-njy ýylda çempionatda çärýek final, 2010-da Maradonanyň tälimçiliginde bolsa-da ýene-de çärýek final. 2014-nji ýylda goňşy brazillerde geçen çempionatda finala çykanam bolsa argentinler finalda Higuaniniň salyp bilmedik gollary, Di Mariýanyň şikesi ýaly sebäplerden utulypdy we ilkinji gezek ýewropalylar kubogy Günorta Amerikadan alyp gaýdypdy. 2018-nji ýylda Russiýadaky çempionatda bu gezek çärýek finala-da çykyp bilmediler. 2022-nji ýylda bolsa, şu ýerde gürrüňi Kopa Amerikadan dowam etdireli.

Argentina 1959-njy ýyldan 1991-nji ýyla çenli, ýagny 32 ýyllap Kopa Amerikada kubok gazanyp bilmeýär, hatda wagtal-wagtal toparçadan hem çykmak başartmaýar. Dogry şol döwürde 2 gezek Dünýä Kubogyny gazanýar. 1989-nji ýyldaky bürünç medaldan soň 1991-nji we 1993-nji ýyllardaky çempionlyklar topary täzeden janlandyrýar. Ýöne bu janlanyş uzak bolmaýar. Edil gyş ukysyna giden ýaly, yzly-yzyna 3 ýaryşda çärýek finaldan gaýdýar. 2004-nji ýylda hem-de 2007-nji ýylda finala çyksa-da, brazillerden asgyn gelýär. Şol finallaryň ikinjisinde şol wagtlar ýaňy 20 ýaşan Messi hem bardy. Bu onuň ilkinji finalydy.

2011-nji ýylda çärýek finalda utulan Argentina we Messi üçin Kopa Amerikany gazanmagyň hyjuwa öwrülen ýyllary şondan soň başlanýar. 2015-nji ýylda Çilide geçen çempionatyň finalynda penaltileriň netijesinde ýer eýelerinden utulýar. Bir ýyldan soň ýaryşyň 100 ýyllygy mynasybetli ABŞ-da geçirilen çempionatyň finalynda ýene-de Çiliden ýeňilýär. Bu gezegem şol ssenariýa gaýtalanýar. 0–0-dan soň penaltilerde ýeňilýär. Şundan soň Messi milli topary taşlandygyny aýdýar.

Şol kuboksyz geçen 30 ýyla golaý döwürde Argentinanyň ýygyndysyna Kopa Amerikany 2 gezek gazanan Alfo Basileden soň öz döwürleriniň men diýen Pasarella, Bielsa, Pekerman, ýene-de Basile, Maradona, Batista, Sabella, Martino, Bauza, Çiliniň ýygyndysyna 2 gezek Kopa Amerikany gazandyran Horge Sampaoli ýaly argentin tälimçileri ýygynda tälim berýär. Ýöne hiç birine-de başga ýygyndylarda ýa-da klublarda gazanan üstünliklerini Argentinanyň milli ýygyndysynda gaýtalamak başartmaýar. Ahyry 2018-nji ýylda Germaniýa 2006 Dünýä Kubogyna gatnaşan we şol ýaryşda Messi bilen çykyş eden ýaş tälimçi Lionel Skaloni wezipä bellenilýär. Oňa federasiýa uly ynam bildirip, ähli zady täzeden başlamagy tabşyrýar. Lionel Skaloniniň ilkinji işi atdaşyny topara çagyrmak üçin yrmak bolýar. Messi hem atdaşynyň, şol sanda tutuş Argentinanyň we beýleki futbol janköýerleriň haýyşyny ýykman teklibi kabul edýär. Argentina 2019-njy ýylda Kopa Amerikada ýarym finalda Braziliýadan utulyp, bürünç medal ugrundaky duşuşykda Çilini ýeňip bürünç medal gazanýar. Göräýmäge ozalkydan pes bolan ýaly, ýöne oýun babatda täzeçillik, toparyň düzümindäki oýunçylaryň ýaş bolmagy Skalonä bolan ynamy azaltmaýar. Ýyl 2021, ýer Braziliýa, 47-nji Kopa Amerika — ähli zadyň başlangyjy bolýar. Eger şol gezek hem bolmadyk bolsa...

Toparçada 1-nji orny eýelän argentinler çärýek finalda Ekwadory ýeňillik bilen geçýär. Ýarym finalda Kolumbiýany penaltilerde ýeňip, finala çykýar. «Marakanada» oýnalan finalda-da Braziliýany Anhel Di Mariýanyň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, ahyry «düýäni ýapdan geçirýärler». Ýagny çärýek asyrdan gowrak ýetdirmedik çempionlyk ahyry gazanylýar. (Di Mariýa 2014-nji ýyldaky finalda-da oýnan bolsady...) Bu kubokly ýörişiň başlangyjy bolýar. Ajy, ýowuz günler yzda galýar. Şatlykly günler başlanýar...

Argentina 2022-nji ýylyň tomsunyň ilkinji gününde Ýewropanyň çempiony Italiýany ýeňip, ençeme ýyldan soň dikeldilen Yklymlararasy kubogy hem gazanýar. Üstesine-de owadan oýun bilen. Indi gürrüňimizi Katardaky Dünýä Kubogyndan dowam edeliň. Aslynda argentinler bu çempionata garaşylmadyk ýeňliş bilen başlaýar. Saud Arabystanyndan 2–1 hasabynda utulan Argentina şol duşuşyga çenli 36 oýunlap ýeňilmändi. Köpler bu gezegem bolmajak ýaly-la, Messi şol Kopa Amerika, hemem Finalissimo kubogy bilen oňaýsyn diýlip başlanýar. Ýöne beýle bolmaýar. Taryhy finalda Fransiýany penaltileriň netijesinde ýeňen Argentina 34 ýyldan soň dünýäniň iň ulusy bolýar. Argentinler üçin 3-nji gezek Dünýä Kubogy Messiniň elinde ýokary göterilýär. Indi Messi futbolyň iň ulusydy. Futbolyň Messä Dünýä Kubogy bergisi bardy we futbol şol bergisini berýär. Şeýle super ýyldyz Dünýä Kubogynyň çempiony bolmazdan futboldan gitmeli däldi. Bu şeýle-de bolýar.

Şu ýyla gelsek, 48-nji Kopa Amerikada o diýen owadan oýun görkezmeselerem kubogy gazanmak olara kyn düşmeýär we kuboksyz geçen şonça ýyldan soň 4 ýylda 4-nji kubok asmana göterilýär. Finalyň 64-nji minutynda Messi şikes alyp, oýundan çykanda ätiýaçda hemmäniň gözüniň öňünde gözýaş döküýär. Soňlugy bilen, duşuşyk tamamlanansoň Messiniň gözýaşlary şatlyga öwrülýär. Indi Messiniň üstüne abanyp duran Maradonanyň kölegesi, kuboksyz milli topar karýerasy ýok. Elbetde, Argentinanyň şu ýeňişlerine tälimçiniň hem goşandy diýseň uludyr. Skaloni milli ýygyndyny atdaşynyň daşynda jemleýär, ýagny Messi we ýoldaşlary ýa-da Messi we kömekçileri.

Argentinanyň gazanan bu kuboklarynda ýene-de 2 futbolçynyň goşandy hem az bolmaýar. Olaryň biri milli topar bilen hoşlaşan Anhel Di Mariýa, beýlekisi-de özboluşly häsiýeti bolan, penaltileri saklamagyň ussady, derwezeçi Emiliano Martinesdir.

Argentinanyň kubokly ýörişi haçana çenli dowam eder, üstesine-de, goňşusy, futbolyň iň esasy ýurdy Braziliýanyň kuboksyz geçýän şu günlerinde tangoçylaryň ýeňişli ýörişleriniň haýsy wagtda tamamlanjakdygy belli däl. Ýöne gysga wagtda gazanylan bu taryhy ýeňişler futbolyň taryhynda uly yz galdyrar.

***Gazetiň sport synçysy.***

## TRANSFER TÄZELIKLERI



► Fransiýanyň «Marsel» kluby «Premier Ligadan» 2 futbolçyny transfer etdi. «Mançester Ýunaýtediň» geçen möwsümi «Hetafede» kärendesine geçiren 22 ýaşyndaky wingeri 26+5 million ýewro transfer etdi. «Marsel» kluby Grinwudyň indiki transferinden gazanjak pulunyň 50 göterimini hem «Ýunaýtede» berer. Grinwud täze klubunda 10-njy belgide oýnar. «Marsel» kluby «Tottenhamdan» daniýaly ýarymgoragçy Pier-Emil Hýoýbergi hem transfer etdi. Fransuz topary 28 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine ylalaşyk gazandy. «Marsel» Hýoýbergi geljek tomusda 20 million ýewro berip ymykly transfer hem edip biler.

► Italiýanynyň «Milan» kluby Ýewropanyň çempionyny, ispaniýaly Alwaro Moratany düzümine goşdy. Italýan topary bu transfer üçin «Atletiko Madride» 13 million ýewro berer. 31 ýaşyndaky Morata milanlylar bilen 4+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Morata «Milanda» 7-nji belgili köýnekçäni geýer. Karýerasyna «Real Madridiň» ýaşlar düzüminde başlan Morata yklymyň güýçli klublarynda çykyş etdi. Ol «Real Madridde» (2010–2014, 2016–2017), «Ýuwentusda» (2014–2016, 2020–2022), «Çelside» (2017–2019), «Atletiko Madridde» (2019–2020, 2022–2024) dürli möwsümlerde oýnady. Morata çykyş eden klublarynda 589 oýunda 217 gol geçirdi. Morata milli toparda-da 80 duşuşykda 36 gezek tapawutlandy.

► Italiýanyň «Fiorentina» topary düzümine 3 futbolçy goşdy. Raffaele Palladinony tälimçilige bellän benewşe reňkliler «Ýuwentus» toparynyň italýan hüjümçisi Moýza Keni 13 million ýewro transfer etdi. «Werona», PSŽ klublarynda kärendesine oýnan Ken «Ewertonda» hem 1 möwsüm meýdança çykdy. Ol «Ýuwentusda» jemi 5 möwsüm oýnady. Ken şu wagta çenli klublarda 223 oýunda 47 gol geçirdi. «Fiorentina» topary «Leççeden» horwatiýaly merkezi goragçy Marin Pongraçiçi hem 15 million ýewro transfer etdi. Italýan kluby Argentinanyň «Boka Huniors» toparyndan argentinaly goragçy Nikolas Walentinini hem tölegsiz düzümine goşdy.

► Gabonly meşhur futbolçy Pier-Emerik Obameýang Ýewropa futboly bilen hoşlaşdy. Geçen möwsümi Fransiýanyň «Marsel» toparynda geçirip, 49 oýunda 27 gol salan Obameýang Saud Arabystanynyň «Al Kadisiýa» toparynyň düzümine goşuldy. 35 ýaşyndaky oýunçy arap kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasyna «Milanda» başlan, ýöne bu klubda bir duşuşykda hem oýnamadyk Obameýang Fransiýanyň «Dižon», «Lill», «Monako» klublarynda kärendesine, soňra «Sent-Etien», «Borussiýa Dortmund», «Arsenal», «Çelsi» hem-de «Barselona» klublarynda çykyş etdi. Ol ady agzalan bu klublarda 658 oýunda 334 gol geçirip, 102 goluň pasyny berdi.

► EURO 2024-iň ýyldyzlaryndan gruziýaly hüjümçi Žorž Mikautadze Niderlandlaryň «Aýaks» toparyndan Fransiýanyň «Lion» toparyna geçdi. «Monako» bilen hem şertnama baglaşmaga golaýlaşan 23 ýaşyndaky oýunçy soňky pursatda «Liony» saýlady. «Lion» Mikautadzeniň transferi üçin «Aýaks» toparyna 18,5+4,5 million ýewro berer. Ol täze kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Mikautadze geçen möwsümde «Ligue 1»-de 20 duşuşykda 13 goly derweзä girizdi.

► Transfer möwsüminiň iň işjeň kluby Angliýanyň «Aston Willa» kluby toparyň taryhyndaky iň gymmat 2-nji transferini amala aşyrdy. Birmingemliler ýurduň başga bir topary «Ewertondan» belgiýaly Amadu Onanany düzümine goşdy. «Aston Willa» topary bu transfer üçin «Ewertona» 50 million funt sterling töläр. Mussa Diabiden soň (52 million funt sterling) klubuň iň gymmat 2-nji futbolçysy bolan 22 ýaşyndaky ýarymgoragçy «Ewertonda» 2 möwsümde 72 gezek meýdança çykdy. Onana «Aston Willa» bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

► «Bundesliganyň» güýçli toparlaryndan «Borussiýa Dortmund» geçen möwsümiň wise-çempiony «Ştutgart» klubunyň ýyldyzy Seru Girassini transfer etdi. Dortmundlylar gwineýaly hüjümçi üçin şertnamada bellenilen mukdary, 18 million ýewro töläр. «Borussiýa Dortmund» Girassi bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol geçen möwsümde 28 gol geçirip (28 oýunda), Harri Keýnden soň çempionatyň iň netijeli futbolçysy bolupdy.

► Fransiýanyň «Lill» klubunyň goragçysy Leni Ýoro «Real Madridden» gelen teklipden ýüz öwrüp, ol «Mançester Ýunaýtediň» düzümine goşuldy. Iňlis kluby 18 ýaşyndaky fransiýaly goragçyny 62+8 million ýewro transfer etdi. Transfer tölegi 4-5 ýylyň dowamynda tölener. Ýoro täze kluby bilen 5+1 ýyllyk şertnama baglaşyp, ol klubundan ýyllyk 7+2 million ýewro hak alar.

## 2-nji saýlama tapgyrynda uly hasaply ýeňişler

UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirilip, uly hasaply, köp golly duşuşyklar bellige alyndy. Wengriýanyň çempiony «Ferenswaroş» topary Uelsiň çempiony «Nýu-Seýnts» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollaryň 3-sini Adama Traore öz adyna ýazdyrdy. Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary öz meýdançasynda Latwiýanyň RFS toparyny, Polşanyň taryhynda ilkinji gezek çempion bolan topary «Ýagelloniýa» myhmançylykda Litwanyň çempiony «Panewežys» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Polýak toparynyň gollarynyň 3-sini Hesus Imaz derweзä girizdi. Azerbaýjanyň «Garabag» topary-da myhmançylykda Gibraltaryň «Linkoln Red Imps» toparyny Juninio we Baýramowyň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy.

Çempion däl toparlaryň ýodasyndaky 2 duşuşykda 15 gol hasaba alyndy. Kiýewiň «Dinamosy» Polşada oýnalan duşuşykda Serbiýanyň «Partizan» toparyny 6–2 hasabynda ýeňdi. Ukrain klubunyň gollarynyň hersini-de başga-başga futbolçy-



lar geçirdi. 7 goluň geçirilen oýnunda Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary myhmançylykda Şweýsariýanyň «Lugano» toparyndan 4–3 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda türk klubunyň bosniýaly hüjümçisi Edin Jeko het-trik edip, toparynyň ýeňiş gazanmagynda uly rol oýnady.

Jogap duşuşyklary 30-njy we 31-nji iýulda oýnalar.

● «Ludogores» (Bolgariýa) — «Dinamo Minsk» (Belarus): 2–0; APOEL (Kipr) — «Petrokub Hinçeşti» (Moldowa): 1–0; «Ferenswaroş» (Wengriýa) — «Nýu-Seýnts» (Uels): 5–0; PAOK (Gresiýa) — «Boras Banýa Luka» (Bosniýa): 3–2; «Bude-Glimt» (Norwegiýa) — RFS (Latwiýa): 4–0; «Malmö» (Şwesiýa) — «KI Klakswik» (Farer adalary): 4–1; «Şamrok Rowers» (Irlandiýa) — «Sparta Praga» (Çehiýa): 0–2; «UE Santa Koloma» (Andorra) — «Midtýullan» (Daniýa): 0–3; «Selýe» (Sloweniýa) — «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa): 1–1; «Panewežys» (Litwa) — «Ýagelloniýa Belostok» (Polşa): 0–4; «Linkoln Red Imps» (Gibraltar) — «Garabag» (Azerbaýjan): 0–2; FKSB (Rumyniýa) — «Makkabi Tel Awiw» (Ysraýyl): 1–1; «Lugano» (Şweýsariýa) — «Fenerbahçe» (Türkiýe): 3–4; «Dinamo Kiýew» (Ukraina) — «Partizan» (Serbiýa): 6–2.



## Pogaçar taryhy üstünligiň bosagasynda

Dünýäniň iň abraýly welosport ýaryşy hasaplanýan «Tour de France» bäsleşigi tamamlandy. 111-nji gezek geçirilen ýaryşda «UAE Team Emirates» toparynyň sloweniýaly türgeni Tadeý Pogaçar ýeňiş gazandy. Ol 23 günläp dowam eden ýaryşy 83 sagat 38 minut 56 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň «Tour de France» ýaryşyndaky 3-nji çempionlygy bolup, ol 2020-nji we 2021-nji ýyllarda-da ýeňiş gazanypdy. 4-nji tapgyrdan soň umumy sanawyň 1-nji basgançagyna ymykly ornaşan Pogaçar jemi 6 tapgyrda pellehana hemmeden öň gelmegi başardy. Pogaçar 4-nji, 14-nji, 15-nji hem-de soňky 3 tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. 25 ýaşyndaky Pogaçar şu möwsümde 3 uly bäsleşigiň ýene biri bolan «Giro d'Italia»-da hem ýeňiji boldy. Tadeý Pogaçar awgust-sentýabr aýlarynda geçirilen «Vuelta a España»-da hem ýeňiş gazanan ýagdaýynda bir ýylyň dowamynda uly bäsleşikleriň 3-sinde-de ýeňiji bolan ilkinji türgen hökmünde taryha girer. Ol şol bir wagtyň özünde 3 uly bäsleşikde ýeňiş gazanan 7-nji welosipedçi bolar.

Ýaryşda Pogaçardan 6 minut 17 sekunt az netije görkezen «Visma–Lease a Bike» toparynyň daniýaly türgeni Ýonas Wingegor 2-nji ýere mynasyp boldy. Ol bassyr 3-nji gezek ýaryşy 2-nji bolup tamamlady. «Soudal–Quick-Step» toparynyň belgiýaly türgeni Remko Ewenepoel 3-nji orny eýeledi.

Bu gezek tomusky Olimpiýa oýunlary sebäpli Parižde tamamlanmadyk ýaryşyň soňky tapgyry Monako bilen Nissanyň aralygy boldy. Italiýanyň Florensiýa şäherinden bat alan bäsleşik geçirilip başlanyndan bäri ilkinji gezek Parižde tamamlanmady.

Beýik britaniýaly meşhur welosportçy Mark Kawendiş bu ýaryşdan soň karýerasyny tamamlady. Ol bu ýaryşa 15-nji gezek gatnaşyp, 5-nji tapgyryň ýeňijisi boldy. 39 ýaşyndaky türgen «Tour de France» ýaryşynda 35 tapgyrda ýeňiji bolup, bu ugurda belgiýaly Eddi Merksiň 49 ýyllyk rekordyny täzeledi.

«Intermarche–Wanty» toparynyň eritreýaly türgeni Biniam Girmaý utuk toplamak ugry boýunça, «EF Education–Easy-Post» toparynyň ekwadorly türgeni Riçard Karapaz dag tapgyry boýunça, umumy ýaryşda 3-nji ýeri eýelän «Soudal–Quick-Step» toparynyň belgiýaly welosportçysy Remko Ewenepoel ýaşlaryň arasynda çempion bolmagyň hötdesinden geldi.

## Karýerasyndaky ilkinji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Wengriýanyň Madiorod şäherindäki belli «Hungaroring» trassasynda geçirildi. 70 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri pellehanany 1 sagat 38 minut 01,989 sekuntda geçmegi başaryp, ýeňiş gazandy. Bu onuň karýerasyndaky ilkinji ýeňşi bolup, 23 ýaşyndaky pilot bu birinjilik üçin 35 ýaryş garaşmaly boldy.

Ýaryşda 2-nji ýeri Piastriniň britaniýaly topardaşy Lando Norris eýeledi. Ol 1-nji bolup bat alan ýaryşynda topardaşyndan 2,141 sekunt yza galdy. 3-nji orna başga bir britaniýaly sürüji, «Mercedes» toparynyň weteran piloty Lýuwis Hamilton mynasyp boldy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri 4-nji hem-de 6-njy orny eýeläp, monakoly Şarl Lekler bilen ispaniýaly Karlos Saýns Junioryň arasyna «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks



Werstappen girdi. Maks Werstappen soňky 3 möwsümiň dowamynda ilkinji gezek yzly-yzyna 3 ýaryşda ýeňiş gazanyp bilmedi. Oňa şu möwsümde 13 ýaryşyň 6-synda ýeňiş gazanmak başartmady.

Wengriýa «Gran Prisinden» soň sürüjileriň sanawynda üýtgän zat bolmady. Sanawyň lideri Maks Werstappen ornuny goramagyny dowam edýär. Onuň 265 utugy bar. 2-nji ýerdäki Lando Norris 189, 3-nji orundaky Şarl Lekler 162 utuk toplady. Karlos Saýns Junior 154, Oskar Piastri 149 utuk bilen 4-5-nji orunlary eýeleýärler.

Möwsümiň 14-nji ýaryşy 28-nji iýunda Belgiýada geçiriler. Şol «Gran Priden» soň F1-iň bäsleşiklerine 1 aý töweregi arakesme berler.

## Çempionyň yzly-yzyna 2-nji ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 8-nji ýaryşy Latwiýanyň Liepaža şäherinde geçirildi. 20 aýlawdan ybarat bolan 300,13 kilometrlik ýaryşda soňky 2 möwsümiň çempiony Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi ýaryşy 2 sagat 31 minut 47,6 sekuntda tamamlady. Bu onuň bassyr 2-nji möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 14-nji ýeňşidir.**

**Ýaryşda ýeňijiden 39,2 sekunt giç pellehana gelen «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir sürüjisi, fransiýaly Sebastian Ožie 2-nji orna mynasyp boldy. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňijiden 1 minut 4,5 sekunt yza galyp, 3-nji ýeri eýeledi. «M-Sport Ford» toparyndan fransiýaly Adrien Furmonyň 4-nji ýeri eýelän ýaryşynda sanawyň lideri belgiýaly Tierri Noýwill («Hyundai Shell Mobis») 8-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.**

**Möwsümiň tamamlanmagyna 5 ýaryş galanda, sürüjileriň sanawynda Tierri Noýwill 145 utuk bilen 1-nji orny eýeläp gelýär. 137 utugy bolan Ott Tanak 2-nji, 132 utukly Elfin Ewans 3-nji orunda barýar. Sebastien Ožieniň 4-nji, Adrien Furmonyň 5-nji orunda barýan sanawynda soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi, häzirki çempion Kalle Rowanpera 86 utuk bilen 6-njy ýeri eýeleýär.**

**Möwsümiň 9-njy ýaryşy 1-nji awgustda Finlýandiýanyň Ýuýaskýulýa şäherinde geçiriler.**



